

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Gurbanguly Berdimuhamedow:**

*- Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzyň gülläp ösmegi,*
*halkymyzyň hal-ýagdaýynyň has-da*
*gowulanmagy üçin biz milli pulumyzyň hümmetini*
*mundan beýläk-de berkitmegi, ony ýurdumyzyň her*
*bir bagtyýar raýatynyň baýlyk serişdesine öwrülmegi*
*wezipe edip goýýarys.*



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

Gaýtalama:
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal – ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

Gaýtalama:
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

**Türkmenistanyň Prezidentiniň 2011-nji ýylyň 28-nji ýanwarynda çykaran 11498-nji karary bilen tassyklandy**

# Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011–2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy

Aşgabat - 2011

# Giriş

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan yglan edilen Täze galkynyş we beýik özgertmeler zamanasynda ýurdumyzyň bank ulgamyny düýpli özgertmek we ösen döwletleriň derejesine ýetirmek, şeýle hem milli puluň durnuklylygyny üpjün etmek esasy wezipeleriň hatarynda durýar. «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasynda» bellenen özgertmeleriň wajyp bölegi Türkmenistanyň pul-karz we walýuta syýasatyny kämilleşdirmekde progressiw ösüşleri häsiýetlendirýän maliýe meselelerine degişlidir.

Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň uzak möhletleýin durnukly ösüşini üpjün etmekde ykdysadyýetiň maliýe böleginiň hem-de pul-karz we walýuta syýasatynyň kämilleşdirilmegi, milli puluň hümmetiniň berkidilmegi möhüm ähmiýete eýedir. Şu nukdaýnazardan, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2010-njy ýylyň 17-nji awgustynda ykdysadyýet, maliýe we bank toplumyny ösdürmegiň meseleleri boýunça geçiren iş maslahatynda beren tabşyrygyna laýyklykda, şeýle hem «Türkmenistanyň

durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasyndan» gelip çykýan wezipeleri ýerine ýetimek maksady bilen, Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011-2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy (mundan beýläk – Döwlet maksatnamasy) taýýarlandy. Bu Döwlet maksatnamasy bank ulgamynyň ösüşiniň esasy ugurlaryny kesgitleýär we ykdysadyýetdäki ýagdaýlara baglylykda çaklanylýan sepgitleri belleýär we olaryň durmuşa geçirilmegi Türkmenistanda bazar gatnaşyklaryna uýgunlaşan häzirki zaman bank ulgamynyň döredilmegine itergi berer.

Täze galkynyş we beýik özgertmeler zamanasynda Türkmenistany mundan beýläk hem durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek üçin kesgitlenen strategik ugurlary durmuşa geçirmekde netijeli bank ulgamynyň bolmagy möhüm şertleriň biridir. Bank ulgamy maliýe bazarynda araçy bolmak bilen, bank önümleriniň we hyzmatlarynyň öndürijisi bolup çykyş edýär. Şonuň üçin, bu Döwlet maksatnamasynda bank ulgamyny ösdürmek, bank işjeňliginiň kadalaşdyryjy-hukuk binýadyny kämilleşdirmek, maliýe hasabatlarynyň halkara standartlaryny ornaşdyrmak, hödürlenýän hyzmatlaryň

gerimini giňeltmek we hilini ýokarlandyrmak, töleg ulgamyny kämilleşdirmek ýaly çäreleriň geçirilmegi göz öňünde tutulýar.

Döwlet maksatnamasynda bellenen çäreleriň ýerine ýetirilmegi ýurdumyzyň durmuş-ykdysady ösüşiniň derejesiniň mundan beýläk hem ýokarlanmagy, milli puluň has-da pugtalandyrylmagy, ykdysadyýetiň maliýe böleginiň ösdürilmegi üçin zerur şertleri döreder.

Bu Döwlet maksatnamasyny ykdysady, institusional, kadalaşdyryjy hukuk we beýleki çäreleriň geçirilmegi bilen, üç tapgyrda amala aşyrmak göz öňünde tutulýar:

## I. Bank ulgamynyň häzirki zaman ösüşi hem-de pul-karz we walýuta syýasatyny durmuşa geçirmekde amala aşyrylýan özgertmeler

Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda milli ykdysadyýetimizi durnukly ösdürmäge, berk maliýe-bank ulgamyny döretmäge, halkyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da ýokarlandyrmaga gönükdirilen düýpli maliýe özgertmeler ykdysady ösüşiň esasy bolup durýar.

Hormatly Prezidentimiziň başlangyçlary esasynda milli pulumyz bolan manadyň hümmetini berkitmek, oýlanyşykly pul-karz we walýuta syýasatyny ýöretmek boýunça anyk çäreler durmuşa geçirilýär. Şunuň bilen baglylykda, 2008-nji ýylyň maý aýynyň 1-inden başlap, milli pulumyzyň daşary ýurt puluna bolan gatnaşygy boýunça ýeke-täk çalşyk hümmetine geçildi. Munuň esasynda, ýurdumyzyň täjirçilik banklarynda ilatyň we beýleki ykdysady birlikleriň daşary ýurt puluna bolan isleglerini kanagatlandyrmaga doly mümkinçilik döredildi. Ýurdumyzda pul ulgamynda geçirilen döwlet ähmiýetli ikinji çäre Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2008-nji ýylyň 27-nji awgustynda çykaran «Türkmenistanyň milli pul birliginiň denominasiýasyny geçirmek (gymmatyny üýtgetmek) hakyndaky» Permana gol çekmegidir. Şol Permana laýyklykda, 2009-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap, Türkmenistanda köne nusgadaky 5000 (bäş müň) manadyň täze nusgadaky 1(bir) manada deň bolan gatnasygy bellendi. Ýurdumyzda geçirilen denominasiýanyň netijesinde, milli puluň dolanyşygy kadalaşdyryldy, nyrhlaryň emele gelşi ýönekeýleşdirildi, bazar gatnaşygyna has ynamly

geçmek üçin amatlyklar döredildi, buhgalterçilik hasaba alnyşyny hem-de statistiki hasabatlaryň ýöredilişini kämilleşdirmäge mümkinçilik döredi.

Häzirki wagtda Türkmenistanda iki derejeli bank ulgamy hereket edýär. Iki derejeli bank ulgamy öz içine Türkmenistanyň Merkezi bankyny (birinji dereje) we täjirçilik banklaryny (ikinji dereje), şol sanda Türkmenistanda bellige alnan daşary ýurt banklarynyň şahamçalaryny we wekilhanalaryny öz içine alýar. 2010-njy ýylyň 1-nji dekabryndaky ýagdaýa görä, ýurdumyzda hereket edýän 11 sany täjirçilik banky düzüm gurluşy boýunça 5 sany döwlet-täjirçilik bankyndan, 3 sany paýdarlar täjirçilik bankyndan, 1 sany täjirçilik bankyndan, 2 sany daşary ýurt banklarynyň şahamçalaryndan ybaratdyr. Bank amallary ýurdumyzyň çäklerinde hereket edýän şahamçalaryň we bank gulluklarynyň üsti bilen amala aşyrylýar. Şu döwürde 129 sany şahamça, 408 sany bank gullugy hereket edýär. 182 sany daşary ýurt pulunyň alyş-çalyş nokady bar, olaryň 11 sanysy gije-gündiz düzgüninde işleýär. Bank edaralarynda hyzmat edilýän müşderileriň sany 1 359 557-ä deň boldy. Şeýle-de, ýurdumyzda Germaniýanyň Doýçebankynyň we Kommerzbankynyň wekilhanalary hereket edýär.

Bank ulgamynyň işini kämilleşdirmek boýunça geçirilýän çäreler banklaryň maýalaşdyryş derejesiniň ýokarlanmagyna, serişdeler binýadyny berkitmäge, bank gözegçiligini kämilleşdirmäge, bank amallarynyň göwrüminiň giňeldilmegine, täze bank önümleriniň we tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagyna öz oňyn täsirini ýetirdi.

Türkmenistanyň bank edaralarynda kadaly nagt pul dolanyşygy üpjün edilýär. Şonuň bilen birlikde, töleg-hasaplaşyk amallary, şol sanda zähmet haklaryny, pensiýalary, talyp haklaryny we döwlet kömek pullaryny tölemek öz wagtynda ýerine ýetirilýär. Merkezi bank töleg dolanyşygyny kagyz we şaýy pullar bilen üznüksiz ýagdaýda üpjün etmek boýunça degişli işleri alyp barýar.

Ýurdumyzda amala aşyrylýan iri möçberli ykdysady özgertmelerde bank ulgamynyň işini döwrebaplaşdyrmak, bank hyzmatlarynyň hilini halkara derejelerine çykarmak we bank hyzmatlarynyň görnüşini artdyrmak hem-de milli pulumyzyň hümmetiniň durnuklylygyny üpjün etmek ykdysady ösüşimiziň häzirki tapgyrynda ileri tutulýan ugurlara degişlidir.

Ykdysadyýetiň durnukly ösüşine ýardam bermek üçin bank edaralary tarapyndan döwlet

maksatnamalaryny maliýeleşdirmek boýunça degişli işler alnyp barylýar. Onuň çäklerinde banklaryň üsti bilen oba hojalyk önümlerini, ýagny pagtany, bugdaýy, şalyny, şugundyry ösdürip ýetişdirmek we kärendeçiler bilen hasaplaşyklary geçirmek, iri senagat desgalaryny gurmak üçin ýeňillikli şertlerde karz serişdeleriniň berilmegi dowam edýär.

«Türkmenistanda hususy telekeçilik işini maliýeleşdirmegiň meseleleri hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2008-nji ýylyň 17-nji martynda çykaran 9604-nji kararyna laýyklykda, hususy kärhanalaryň we telekeçileriň önümçiligi ösdürmek bilen bagly taslamalary üçin karz bermäge ygtyýarly edilen banklar tarapyndan ýylda 5 göterim bilen esasy serişdelerini satyn almak üçin 10 ýyla we dolanyşyk serişdeleri üçin 1 ýyla çenli möhlete milli pulda we daşary ýurt pulunda karzlar berilýär. Şunuň bilen baglylykda, ýeňillikli şertlerde karzlaşdyrylan hususy kärhanalaryň, hususy telekeçileriň, oba hojalyk önümlerini öndürijileriň sany yzygiderli artýar.

«Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür

üçin Milli maksatnamasyny» durmuşa geçirmek maksady bilen, obalarda, şäherçelerde, etraplardaky şäherlerde, şäherlerde, etraplaryň we welaýatlaryň merkezlerinde gurluşyk edaralary jaýlary gurmak üçin ýeňillikli şertlerde karzlaşdyrylýar, şeýle hem gurluşygy tamamlanan jaýlardan öýleri satyn almak üçin raýatlara ýeňillikli şertlerde ýylda 1 göterim bilen 30 ýyl möhlete karzlar berilýär.

Bank işi boýunça kanunçylygy we bank işiniň kadalaşdyrylyşyny kämilleşdirmek bank ulgamyny ösdürmegiň möhüm ugry bolup durýar. Onuň çäklerinde «Türkmenistanyň Merkezi banky hakyndaky», «Kommersiýa banklary we bank işi hakyndaky» we «Walýuta operasiýalaryny düzgünleşdirmek hakyndaky» Türkmenistanyň kanunlarynyň kämilleşdirilmegi boýunça geçirilýän işleri belläp geçmek bolar. Agzalan kanunlary kämilleşdirmek we häzirki döwrüň talaplaryna laýyk getirmek bank ulgamynyň ösüşinde zerur hasaplanýar. Bank işinde bu kanunlaryň örän uly ähmiýeti bardyr we olaryň täze redaksiýada kabul edilmegi banklaryň has ygtybarly bolmagyna ýardam eder. «Daşary ýurt puluny kadalaşdyrmak we daşary ýurt puluna gözegçilik etmek hakyndaky» Kanunyň täze redaksiýada taýýarlanmagy, daşary ykdysady

gatnaşyklary ösdürmäge, ykdysady subýektleriň ösüşini kadalaşdyrmaga ýardam berer.

Banklaryň buhgalter hasabyny kämilleşdirmek we maliýe hasabatynyň halkara standartlaryna doly geçmegini guramak babatda ähli zerur işler geçirilýär. Hususan-da, degişli kadalaşdyryjy hukuk namalaryny kämilleşdirmek, hasaplaryň täze meýilnamasyny ornaşdyrmak, usuly resmi namalaryny taýýarlamak, işgärleriň hünär taýýarlygyny ýokarlandyrmak boýunça işler yzygiderli alnyp barylýar.

Ýurdumyzda pul dolanyşygynyň netijeliligini has-da kämilleşdirmek üçin bank ulgamy dünýäniň öňdebaryjy tilsimatlaryna esaslanýan nagt däl hasaplaşyklary ýaýbaňlandyrmak boýunça degişli işleri geçirýär. Bu ugurda, Türkmenistanyň banklary tarapyndan  iri söwda merkezlerinde hem-de ministrlikleriň we pudak edaralarynyň binalarynda bankomatlar, töleg terminallary ornaşdyrylýar, şeýle hem zähmet haklaryny bank kartlary arkaly bermek tejribesi netijeli durmuşa ornaşdyrylýar.

Türkmenistanyň Merkezi banky pul-karz we walýuta syýasatyny amala aşyrmakda içerki we daşarky makroykdysady görkezijileriň yzygiderliligine esaslanýar, şol sanda puluň

hümmetsizlenmeginiň derejesi, dolanyşykdaky pul möçberleriniň yzygiderliligi, daşary ýurt pulunyň hümmeti esasy görkezijiler bolup durýar. Bank ulgamynyň durnuklylygyny saklamak, daşary ykdysady şertleriň ýurdumyzyň ykdysadyýetine täsirini çäklendirmek ýa-da edip biljek täsiriniň öňüni almak boýunça çäreleri geçirmek pul-karz syýsaty üçin möhüm wezipeler bolup durýar. Şunuň bilen birlikde, puluň hümmetsizlenmegini pes derejelerde saklamak pul-karz we walýuta syýasatynyň esasy maksady bolmagynda galýar. Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan milli puluň çalşyk hümmetini durnukly saklamaga gönükdirilen daşary ýurt puly syýasaty  alnyp barylýar.

Türkmenistanyň Merkezi banky täjirçilik banklary tarapyndan daşary ýurt puluna bildirilýän islegi kanagatlandyrmak maksady bilen, Bankara walýuta biržasynda daşary ýurt pulunyň alyş-çalyş amallarynyň yzygiderli geçirilmegini üpjün etdi. Türkmenistanyň Merkezi banky bank ulgamynyň ukyplylyk ýagdaýyny sazlamak üçin täjirçilik banklary bilen karz amallarynyň birnäçesini geçirdi. Şol sanda maksatlaýyn karzlar, auksionyň üsti bilen karzlar, kömekçi karzlar berildi. Häzirki wagtda emele gelen puluň hümmetsizlenmeginiň

pes derejesini nazara almak bilen, Türkmenistanyň Merkezi banky gaýtadan maliýeleşdiriş göterimini 5% derejesinde saklaýar.

Türkmenistanyň bank ulgamynyň amala aşyrýan karz syýasaty döwlet maksatnamalaryny durmuşa geçirmäge, oba hojalyk pudagyna goldaw bermäge, ýurdumyzda telekeçiligi hem-de hususy pudagy ösdürmek, ilatyň ýaşaýyş jaý şertlerini gowulandyrmak üçin ýeňillikli şertlerde karzlaryň berilmegine gönükdirilendir.

**Ýurduň pul-karz görkezijileri.** 2011-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndaky ýagdaýa görä, M2 pul toplumy geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 74,2% ýokarydyr. Şol sanda dolanyşykdaky nagt pullaryň möçberi 34,8%, möhletli goýumlar we talap edilýänçä hasaplardaky nagt däl serişdeleriň möçberi 2 esse artdy. Hasabat döwründe dolanyşykdaky nagt pullaryň möçberi 2775,2 mln. manat bolup, onuň milli manatdaky pul toplumynyň düzümindäki paýy (M0/M2) 36,6 göterime deň boldy.

Daşary ýurt pulundaky goýumlar hasaba alnanda dolanyşykdaky jemi pullaryň möçberi 16586,0 mln. manada deň bolup, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 43,4% ýokarlandy. Şonuň bilen brilikde, 2011-nji ýylyň 1-nji

ýanwaryndaky ýagdaýa görä, onuň düzüminde daşary ýurt pulundaky serişdeler 8994,7 mln. manada deň boldy we geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 24,8% ýokarlandy.

Hasabat döwründe ykdysadyýete gönükdirilen karzlaryň jemi möçberi 17203,5 mln. manada deň bolup, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 32,1% ýokarlandy. Olardan milli manatda berlen karzlar 9783,0 mln. manada deňdir we ol seljerilýän döwürde 48,5% artdy.

**Täjirçilik banklarynyň maliýe görkezijileri.** 2011-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndaky ýagdaýa görä, Türkmenistanyň täjirçilik banklarynyň jebislendirilen aktiwleriniň jemi 15959,9 mln. manat boldy. Täjirçilik banklarynyň jebislendirilen aktiwleriniň düzüminde karz amallary 70,2 göterimi düzýär. Şonuň bilen birlikde, seljerilýän döwürde bank edaralarynda hyzmat edilýän edara görnüşli hojalyk birliklerine, hususy telekeçilere we raýatlara berlen karzlaryň jemi 11143,0 mln. manada barabar bolup, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 37,4% ýokarlanýar.

Täjirçilik banklary tarapyndan berlen umumy karzlaryň düzüminde uzakmöhletli karzlar geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 78,4%

ýokarlandy, gysga möhletli karzlar bolsa 23,8% peseldi. Karz goýumlarynyň düzüminde milli pulda berlen karzlar 9775,0 mln. manada ýa-da 87,7%-e deňdir. 2011-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndaky ýagdaýa görä, ykdysadyýetiň hususy bölegine berlen karzlaryň jemi 1521,0 mln. manada deňdir we geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 72,7% ýokarlandy.

Edaralardan, kärhanalardan, guramalardan we raýatlardan çekilen serişdeleriň möçberi 6286,0 mln. manat bolup, olaryň 85 göterimi döwlet eýeçiligindäki kärhanalara degişlidir. Möhletli goýumlaryň döwlet eýeçiligine degişli böleginiň 75,2 göterimini milli manatda çekilen serişdeler düzýär. Ilatyň goýumlarynyň galyndysy 165,8 mln. manat bolup, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 51,1 mln. manat ýokarlandy.

Milli ykdysadyýeti ösdürmäge maliýe goldawyny bermek, milli puluň hümmetiniň durnuklylygyny saklamak, bank hyzmatlaryny döwrüň talabyna laýyklykda hödürlemek we çekilen serişdeleri netijeli ulanmak bank ulgamynyň ösüşinde ileri tutulýan ugurlar bolmagynda galar.

## II. Pul-karz we walýuta syýasatyny kämilleşdirmegiň esasy ugurlary

Türkmenistanyň durnukly, ösen we güýçli döwlete öwrülmegi, ykdysadyýetde we jemgyýetde hil taýdan has ýokary depginli öňegidişlikleriň gazanylmagy Türkmenistanyň Prezidentiniň netijeli döwlet syýasatynyň durmuşa geçirilmegi bilen bagly bolup, halk hojalygynyň ähli pudaklarynda uly möçberli özgertmeleriň geçirilmegi durmuş-ykdysady ösüşiň çaltlandyrylmagyna itergi berýär.

«Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasyna» laýyklykda, özgertmeleriň möhüm ugurlarynyň biri hem Türkmenistanyň pul-karz syýasatyny kämilleşdirmekde öňegidişligi häsiýetlendirýän pul-karz çärelerine degişlidir. Ýurdumyzyň pul-karz syýasatynyň esasy maksady jemi içerki önümiň ösüşine ýardam bermek we puluň hümmetsizlenmegini peseltmek ýaly çäreleri durmuşa geçirmekden ybaratdyr. Milli puluň hümmetini durnukly saklamak we bahalaryň durnuklylygyny üpjün etmek maliýe gurallarynyň kömegi bilen üpjün ediler. Hümmetsizlenme boýunça çaklama görkezijileri hümmetsizlenmä

täsir edýän şertleriň üýtgemegini nazara almak bilen, her ýyl üçin  pul-karz syýasatynyň esasy ugurlary kesgitlenende bellener we geljekde hem puluň hümmetsizlenme çäklerini pes derejelerde saklamaga gönükdirilen işler alnyp barlar.

Türkmenistanyň Merkezi banky pul-karz we walýuta syýasatynyň netijeliligini ýokarlandyrmak, puluň hümmetsizlenmegine getirip biljek dolanyşykdaky pullaryň düzüminde uly möçberdäki üýtgemelere öz wagtynda we netijeli täsir etmek maksady bilen, pul-karz we walýuta syýasatynyň gurallaryny kämilleşdirmek, esasan hem, göterim goýumynyň netijeliligini ýokarlandyrmak, täze pul-karz gurallaryny ornaşdyrmak boýunça degişli çäreleri geçirmegi göz öňünde tutýar.

Ykdysadyýetiň ösdürilmegi we milli puldaky süýşürintgileriň köpelmegi pula bolan islegiň artmagyna getirer. Şunuň netijesinde, ykdysadyýetiň milli pul bilen üpjünçiligiň derejesini 2015-nji ýylda 20%-e çenli ýokarlandyrmak zerurlygy ýüze çykar.

Banklaryň ukyply serişdelere bolan isleginiň kanagatlandyrylmagyna, ukyply serişdelerini ýerleşdirmäge doly şert döredýän maliýe bazarlarynyň gurallaryny kämilleşdirmek

göz öňünde tutulýar. Şonuň bilen baglylykda, hökmany ätiýaçlyklar boýunça bellenen kadalar kämilleşdiriler.

Ýurdumyzyň pul-karz we daşary ykdysady gatnaşyklarda pul syýasatynyň öňünde goýlan wezipeleriň üstünlikli çözülmegini gazanmak maksady bilen, manadyň hümmetiniň durnukly saklanmagyny üpjün etmek üçin degişli işler geçiriler. Daşary ykdysady gatnaşyklarda puly kadalaşdyrmak we oňa gözegçiligi amala aşyrmak boýunça gazanylan tejribä esaslanyp, Türkmenistanyň bu ugurda kanunçylygyny kämilleşdirmegiň üstünde işlener. Daşary ýurt pulunyň bankara bazarynyň işini has-da kämilleşdirmegiň üstünde işler alnyp barlar. Ýurduň çäginde alyş-çalyş nokatlarynyň gerimini ilatyň islegine laýyklykda giňeltmek, hasaplaşyklaryň nagt däl görnüşini has giň ornaşdyrmak boýunça işler ýerine ýetiriler. Ýurdumyzyň daşary söwda dolanyşygyny artdyrmak we töleg balansynyň galyndysynyň oňyn bolmagyny, eksport-import deňagramlylygyny üpjün etmek boýunça Türkmenistanyň Merkezi bankynyň ygtyýarlyklarynyň çäginde zerur çäreleri durmuşa geçirmek göz öňünde tutulýar.

2016-2020-nji ýyllarda Türkmenistanyň Merkezi banky puluň hümmetsizlenme derejesini bellenen çäklerde saklamak maksatlaryna ýetmek üçin maliýe gurallaryny netijeli ulanmagy dowam eder we milli puluň alyş-çalyş hümmetini durnukly saklamak esasy wezipeleriň biri bolar. Şunuň bilen birlikde, pul-karz syýasatynda puluň hümmetsizlenmegine toplumlaýyn täsirini ýetirmek, emele geljek ykdysady şertlere baglylykda, göni hümmetsizlenme görkezijisini maksatlaýyn bellemek düzgünini ösdürmäge mümkinçilik döretmek üçin degişli işleri geçirmek meýilleşdiriler. Göterim ölçegi pul-karz syýasatynyň esasy guralyna öwrüler. Pul-karz syýasatynyň berkidilmegi ýa-da gowşadylmagy ilki bilen göterim ölçegleriň üýtgedilmeginiň üsti bilen alnyp barlar, bu bolsa öz gezeginde pul bazarynda serişdeleriň gymmatynyň döwletimiziň amala aşyrýan ykdysady syýasatyna laýyklykda üýtgedilmegine mümkinçilik berer. Göterim derejeleriniň pul bazaryna täsirini ýokarlandyrmak maksady bilen, Türkmenistanyň Merkezi bankyndan banklara we döwlet edaralaryna ýeňillikli şertlerde berilýän maksatlaýyn karzlaryň berliş şertlerini kämilleşdirmek hem-de möçberlerini ýurdumyzda amala aşyrylýan

pul-karz syýasatyna laýyklykda bellemek esasy wezipe bolup durar we bu ugurda netijeli çäreler durmuşa geçiriler. Döwletimiz tarapyndan ýurdumyzyň pul-karz syýasatynyň durmuşa geçirilişiniň netijeliligini has-da ýokarlandyrmak, şunuň bilen birlikde, ykdysadyýetiň ileri tutylyp ösdürilýän pudaklaryna döwlet goldawynyň berilmegini dowam etmek maksady bilen, maksatlaýyn karzlaryň berilmegini salgyt-býujet edaralarynyň garamagyna geçirip, ýöriteleşdirilen döwlet agentliginiň üsti bilen maliýeleşdirmek mümkinçiligine serediler hem-de bu ugurda degişli teklipler taýýarlanar.

Türkmenistanyň Merkezi banky ykdysadyýetde emele gelen ýagdaýa baglylykda, pul bazarlarynda daşary ýurt pullarynyň alyş-çalyş hümmetiniň emele gelmegini kämilleşdirmäge we çeýeligini ýokarlandyrmaga gönükdirilen çäreleri geçirmegi meýilleşdirýär.

Alyş-çalyş hümmetiniň sazlaşygyny ýokarlandyrmak şertlerinde, möhletli maliýe gurallarynyň (fyuçers, forward, opsion) bazaryny ösdürmegiň mümkinçiliklerini öwrenmek hem-de bar bolan islege laýyklykda bu ugurda zerur işleri geçirmek göz öňünde tutulýar. Bu gurallar alyş-çalyş hümmetiniň üýtgemek töwekgelçiligini

ätiýaçlandyrmaga we maliýe bazarynyň durnuklylygyny ýokarlandyrmaga ýardam berer.

## III. Bank ulgamyny ösdürmegiň esasy ugurlary, döwürleri we garaşylýan netijeler

### *1. Bank ulgamyny ösdürmegiň esasy maksatlary we wezipeleri*

Döwlet maksatnamasy 2011-2030-njy ýyllarda Türkmenistanyň bank ulgamynyň ösüşiniň esasy ugurlaryny hem-de onuň öňünde duran esasy maksatlary, wezipeleri we bu babatda çäreleri durmuşa geçirmekde zerur boljak pul-karz şertlerini kesgitleýär.

Türkmenistanyň pul-karz we walýuta syýasatynyň ileri tutulýan strategiki ugurlary pul dolanyşygynyň durnuklylygyny üpjün etmekden, ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmakdan, milli ykdysadyýetiň bäsdeşlige ukyplylygyny pugtalandyrmakdan, bank ulgamyny mundan beýläk-de ösdürmekden we onuň halkara maliýe bazarlaryna oňyn şertlerde goşulyşmagyny üpjün etmekden ybaratdyr.

Döwlet maksatnamasy maliýe araçylyk derejesiniň mundan beýläk hem ýokarlanmagyna,

Türkmenistanyň ykdysadyýetinde bank ulgamynyň tutýan ornuny, bank işiniň netijeliligini, howpsuzlygyny we ygtybarlylygyny ýokarlandyrmaga gönükdirilendir. Şunuň bilen baglylykda, milli manadyň hümmetini ýokarlandyrmak, bank hyzmatlaryny giňeltmek we hil taýdan täze, has ýokary derejä götermek, dünýä tejribesiniň öňdebaryjy usullaryny we innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmak, pul serişdeleriniň kadaly dolanyşygyny üpjün etmek, ilatyň peýdalanmaýan pul serişdelerini önümçilikde maýa goýumlary hökmünde ulanmak üçin ýurdumyzyň maliýe dolanyşygyna çekmek hem-de täze maliýe gurallaryny işläp taýýarlamak boýunça işler alnyp barlar.

Şeýle hem, Döwlet maksatnamasynyň esasy maksatlarynyň biri hem bank ulgamynyň, ýurduň töleg-hasaplaşyk ulgamynyň durnuklylygyny üpjün etmek wezipelerini ýerine ýetirmegiň esasy ugurlaryny kesgitlemekden ybaratdyr.

Bank ulgamynyň ösmegi bilen, milli we daşary ýurtly maýadarlaryň, goýumçylaryň we ilatyň bolan ynamynyň has-da artdyrylmagy, Türkmenistanyň bank ulgamynyň sebitara, bütindünýä bank we maliýe ulgamlaryna girmegi göz öňünde tutulýar.

Ýurdumyzyň durmuş-ykdysady ösüşinde bank ulgamynyň ornuny ýokarlandyrmak wajyp meseleleriň biri bolup durýar. Bank ulgamyny ösdürmegiň maksatlary we wezipeleri ykdysady ösüşiň ýokary depginlerini üpjün etmäge we onuň esasynda ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmaga gönükdirilendir.

Şonuň bilen baglylykda, bank ulgamyny ösdürmegiň maksatlary şulardan ybaratdyr:

- milli puluň durnuklylygyny üpjün etmek;
- bank ulgamyny ösdürmek we berkitmek;
- ykdysadyýetiň we ilatyň ýokarlanýan talaplaryna laýyk gelýän bank gurallaryny ösdürmek we kämilleşdirmek.

Öňde goýlan maksatlara ýetmek üçin bank ulgamynyň ösüşi şu aşakdaky wezipeleri ýerine ýetirmäge gönükdiriler:

- bank ulgamyna maýadarlaryň, kreditorlaryň, goýumçylaryň ynamyny, ilkinji nobatda, olaryň bähbitleriniň goragly bolmagyny üpjün etmek arkaly berkitmek;
- ilatdan we hojalygy ýöredijilerden pul serişdelerini toplamak hem-de olary karzlara we maýa goýumlaryna gönükdirmek usulynyň netijeliligini ýokarlandyrmak;

- ykdysadyýeti karzlaşdyrmagyň möçberlerini artdyrmak, ilkinji nobatda, döwletiň alyp barýan ykdysady syýasaty esasynda ileri tutulýan ugurlary we döwlet maksatnamalaryna laýyklykda, maýa goýum taslamalaryny maliýeleşdirmek;
- hödürlenýän hyzmatlaryň hiliniň derejesini ýokarlandyrmak we olaryň düzümini halkara ülňülerine laýyk gelýän bank işjeňligine mahsus bolan derejelere ýetirmek;
- bank ulgamynyň kanunçylyk binýadyny kämilleşdirmek;
- ykdysadyýetiň pudaklarynyň, ykdysady subýektleriň we ilatyň bu ugurdaky isleglerine baglylykda bank däl karz edaralaryny ösdürmek we onuň kanunçylyk binýadyny kämilleşdirmek;
- dünýä bank ulgamy bilen bilelikde iş alyp barmak.

## *2. Bank ulgamyny ösdürmegiň tapgyrlaýyn durmuşa geçirmegiň aýratynlyklary*

**Birinji tapgyr – 2011-2015-nji ýyllar.** 2011-2015-nji ýyllarda pul-karz syýasaty milli

maksatnamalara laýyklykda çaklanylan durmuş-ykdysady görkezijileri ýerine ýetirmäge we uzakmöhletli durnukly ykdysady ösüşi üpjün etmäge gönükdiriler. Bu maksatlara ýetmekde esasy wezipeleriň biri hümmetsizlenmäniň pes depginlerini saklamakdan we milli puluň alyş-çalyş hümmetiniň durnuklylygyny üpjün etmekden ybarat bolar.

Bu döwürde bank kanunçylygynyň kämilleşdirilmegi bank ulgamynyň halkara derejesinde ykrar edilen usullara esaslanyp, ýokary hilli kadalaşdyrylmagyna täsirini ýetirer. Ykdysadyýetiň ähli pudaklarynyň netijeli hereket etmegi we ilatyň girdejileriniň ýokarlanmagy netijesinde, 2011-2015-nji ýyllarda banklaryň serişdeler binýadynyň göwrümi ýokarlanar. Banklarda goýumlaryň möçberleriniň artmagyna ilata hödürlenýän bölekleýin bank hyzmatlarynyň ösmegi we hojalygy ýöredijileriň täze tehnologiýalara esaslanýan bäsdeşlige ukyply önümçiliginiň ösmegi öz täsirini ýetirer. Bank ulgamynyň ygtybarly hereket etmegi üçin hususy maýasynyň derejesini öz üstüne alýan töwekgelçiligini ýapmaga ýeterlik derejede saklamak maksady bilen, banklaryň hususy maýasynyň möçberlerini artdyrmak göz

öňünde tutulýar. Hususy maýanyň möçberleriniň artdyrylmagynyň esasy çeşmesi banklaryň peýda görkezijisi bolar, bu döwürde peýdanyň artmagy bank amallarynyň göwrüminiň artmagynyň we düzüminiň giňeldilmeginiň hasabyna gazanylar. Bank önümleriniň we müşderi binýadynyň giňeldilmegi bilen, aktiwleriň we passiwleriň düzümi diwersifikasiýalaşdyrylar. Bank durnuklylygyny üpjün etmek maksady bilen, banklarda geçirilýän amallaryň häsiýetine baglylykda töwekgelçilikleri (karz, ukyplylyk, walýuta, bazar, göterim we amallar) dolandyrmak ulgamyny kämilleşdirmegiň üstünde işlener. Töwekgelçilikleri dolandyrmak ulgamynyň ösdürilmegini banklarda içki gözegçilik gullugynyň netijeliligini gazanmak bilen utgaşykly alyp barmak meýilleşdirilýär.

Türkmenistanyň Merkezi banky banklarda içki gözegçiligiň guralyşy babatda usulyýet resmi namalaryny we degişli kadalaşdyryjy resmi namalary işläp düzer we bu resmi namalarda bank gözegçiligi boýunça Bazel komitetiniň milli şertlere uýgunlaşdyrylan ýörelegeleri göz öňünde tutular. Bank ulgamynyň durnukly hereket etmegi üçin bank gözegçiligini netijeli alyp barmak işleri halkara standartlary esasynda kämilleşdiriler,

şunda gözegçiligiň düzgünleriniň ähli görnüşleri (ygtyýarnama beriş, menzilara gözegçilik, barlag, ulgamlaýyn bank töwekgelçilikleriniň seljerişi) boýunça çäreler durmuşa geçiriler.

Ykdysadyýetiň dürli pudaklarynda düzümleýin özgertmeleriň geçirilmegi bilen, bank karzlarynyň möçberleri çalt depginlerde artar, şeýle hem olaryň düzümi kämilleşer. Bank işjeňliginiň esasy ugurlary telekeçilik karzlaryny, ipoteka karzlaryny we sarp ediş karzlaryny ösdürmekden ybarat bolar. Karzlaşdyrma hyzmatlarynyň ýerine ýetirilmeginiň derejesini ýokarlandyrmak ugrunda hususy kärhanalara we telekeçilere banklaryň karz goldawynyň esasynda durmuşa geçiriljek maýa goýum taslamalarynyň işewürlik meýilnamasyny düzmäge ýardam bermek boýunça degişli işler geçiriler. Bank edaralary tarapyndan karzyň üpjünçiligine baha bermek we karz alyjylaryň maliýe ýagdaýyny seljermek maksady bilen, karz alyjylar hakynda maglumatlary jemlemek dowam etdiriler we bu ugurda karz býurolaryny döretmek üçin zerur işler geçiriler. Şeýle hem berlen karzlaryň yzyna gaýtarylmagynyň derejesini ýokarlandyrmak üçin girew gatnaşyklarynyň kanunçylyk binýady kämilleşdiriler.

Bank edaralary tarapyndan müşderilere aýratynlykda hyzmat etmek ulgamyny ösen döwletleriň derejesine ýetirmek göz öňünde tutulýar. Şeýlelikde, banklarda aýratyn hyzmat etmek ulgamynyň hereket etmegini awtomatlaşdyrmak arkaly bir müşderä hyzmat edilýän wagty tygşytlamak, müşderilere toplumlaýyn hyzmatlary etmek we müşderilere özbaşdak hyzmat etmäge geçmek ýaly çäreleriň amala aşyrylmagy meýilleşdirilýär.

Bank ulgamyny berkitmek we kämilleşdirmek üçin milli töleg ulgamyny ösdürmek hem-de onuň netijeliligini, ygtybarlylygyny we howpsuzlygyny üpjün etmek esasy wezipeler bolup durar. Bu wezipelere ýetmek üçin töleg ulgamynda häzirki zaman maglumatlar tilsimatlaryna laýyklykda, programma üpjünçiligini we tehniki infrastrukturany kämilleşdirmek boýunça geçirilýän işler dowam eder. Ýokary netijeli, dünýä standartlaryna laýyk gelýän töleg-hasaplaşyk ulgamyny gurnamak üçin, milli töleg ulgamynyň işjeňligini kadalaşdyrýan kanunçylyk binýady kämilleşdiriler we Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan töleg-hasaplaşyk ulgamyna gözegçilik edýän gurama hökmünde

töleg ulgamynyň ýagdaýyna seljerişi we yzygiderli gözegçiligi kämilleşdirmek boýunça işler geçiriler.

2011-2015-nji ýyllarda bank ulgamynyň buhgalterçilik hasaba alnyşyny özgertmek boýunça çäreler geçiriler. Bu bolsa, bank ulgamynyň maliýe hasabatlarynyň milli standartlaryna maliýe hasabatlarynyň halkara standartlaryny ornaşdyrmak arkaly geçmegi esasynda amala aşyrylar. Bu öz gezeginde, maliýe hasabatlarynyň ulanyjylar üçin açyklygyny we ygtybarlylygyny üpjün eder we ýurduň maýa goýumlaryny çekmek mümkinçiliginiň ýokarlanmagyna itergi berer.

Bank ulgamynyň netijeli işlemegi üçin, 2011-2015-nji ýyllarda öňde goýlan wezipeleriň ýerine ýetirilmegine bank işgärleriniň hünär ussatlygynyň yzygideli kämilleşdirilmegi öz oňyn täsirini ýetirer. Munuň üçin, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň okuw merkezlerinde bank işi babatda çuňlaşdyrylan meýilnamalar boýunça okuwlar geçiriler. Bank işgärleriniň ýokary ylmy derejelere eýe bolmagy we bank ulgamynda wajyp bolup durýan ugurlar boýunça ylmyň gazananlaryny ornaşdyrmak üçin, olaryň aspiranturada, doktoranturada taýýarlanmagyny

dowam etmek meýilleşdirilýär. Daşary ýurt tejribesini özleşdirmek maksady bilen, bank işgärleriniň halkara maliýe guramalarynyň, daşary ýurtlaryň merkezi banklarynyň okuw merkezlerinde we daşary ýurtlaryň iri banklarynda hünär taýýarlygyny ýokarlandyrmagy boýunça zerur bolan çäreleriň geçirilmegi göz öňünde tutulýar.

**Ikinji tapgyr - 2016-2020-nji ýyllar**. Döwlet maksatnamasynyň ileri tutulýan ugurlarynyň ikinji tapgyry pul-karz gatnaşyklaryň ulgamyny öz içine alýar. Pul-karz ulgamynyň netijeliligini ýokarlandyrmak maksady bilen, maliýe bazaryny ösdürmek boýunça oňyn şertler dörediler. Şunuň bilen baglylykda, bank işiniň ileri tutulýan görnüşlerini we häzirki zaman täze tehnologiýalaryny girizmek işleri artdyrylar.

Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ösmegi, bank ulgamynyň durnukly bolmagy, ilatyň girdejileriniň artmagy, kärhanalaryň maliýe serişdeleriniň artmagy banklar üçin pul serişdelerini toplamaga oňyn şertleri döredýär. Şonuň bilen birlikde, edara-kärhanalaryň, ilatyň serişdeleri banklaryň serişdeler binýadyny giňeltmekde esasy çeşme bolar. Bu bolsa milli bank ulgamynyň has-da ösmegine itergi berer.

Bank edaralarynda berilýän karzlaryň möçberiniň artmagy ykdysady ösüşiň depginleri bilen kesgitlener. Iri maýa goýum taslamalaryny maliýeleşdirmäge işjeň gatnaşylar. Bank karzlary innowasion we ösen tehnologiýaly pudaklaryň döredilmegine hem-de ösdürilmegine gönükdiriler. Şeýle hem karzlaryň aglaba bölegi täze iş orunlaryny döretmegi göz öňünde tutýan taslamalary goldamaga gönükdiriler. Ykdysadyýetiň döwlete dahylsyz böleginiň harytlarynyň eksportunyň paýyny yzygiderli artdyrmak üçin şertleri döretmek maksady bilen, bank edaralary tarapyndan bu ugurdaky taslamalary maliýeleşdirmek ileri tutulýan ugurlaryň biri bolar.

Karz we maliýe gurallarynyň kämilleşdirilmegi bilen, müşderiler üçin lizing, faktoring we trast amallarynyň giňden ulanylmagyna garaşylýar. Şeýle hem daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek, orta we uzakmöhletli karzlaryň berilmegini guramak esasy wezipeleriň biri bolar.

Kiçi we orta telekeçiligi goldamak boýunça döwletiň işjeň strategiýasyna laýyklykda, bu pudaga beriljek karzlaryň möçberleriniň 2016-2020-nji ýyllarda ýokary ösüş depginleriniň

artmagyna garaşylýar. Ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmak maksady bilen, hormatly Prezidentimiziň «Döwlet adam üçindir!» diýen ýörelgesinden ugur almak bilen, ýeňillikli şertlerde ipoteka karzlarynyň berilmegi dowam etdiriler.

Haryt-pul gatnaşyklarynyň ösmegi bilen, bank işiniň gerimi giňeler. Ýurdumyzda önümçiligiň ösmegi netijesinde, bank hyzmatlaryna islegiň has ösmegine garaşylýar. Geljekde ýokary tizlikli kompýuter aragatnaşygyna giň ýol açyp, ony ulanyjylara Internet arkaly bank hyzmatlaryny teklip etmek göz öňünde tutulýar.

Banklaryň arasynda bäsdeşlik derejesiniň ýokarlanmagyna garaşylýar, bu bolsa müşderileri çekmek üçin hyzmat ediş derejesiniň ýokarlandyrylmagy, hyzmatlaryň giňelmegi, bank hyzmatlarynyň bazaryna täze önümleriň teklip edilmegi bilen kesgitlener. Bazar gatnaşyklarynyň ösmegi bilen, banklaryň arasynda bäsdeşlik bank ulgamynyň ösmegine itergi berer. Bank ulgamynyň deňagramly ösmegi üçin, ösen milli bank ulgamynyň düzüminiň aýrylmaz bölegi bolup duran welaýatlardaky banklaryň ösdürilmegi zerur bolup durýar. Welaýatlarda dürli banklaryň

şahamçalarynyň açylmagy sebitleýin derejede bäsdeşligiň güýçlenmegine, täze önümleriň ornaşdyrylmagyna ýardam berer.

Bank ulgamynyň sebitler boýunça ösüş derejesiniň, hyzmatlarynyň hiliniň we görnüşleriniň, aýratyn-da, transmilli taslamalaryň özleşdirilýän ýerlerinde halkara derejelerine laýyklykda ýola goýulmagy meýilleşdirilýär. Ýurdumyzyň bank ulgamynyň işi halkara derejelerine ýetiriler, transmilli taslamalaryň üstünlikli amala aşyrylmagynda bank hyzmatlary bökdençsiz amala aşyrylar.

2016-2020-nji ýyllarda daşary ykdysady gatnaşyklardaky pul syýasatynda Türkmenistanda nagt däl pul bazaryny ösdürmek, toplanan tejribäniň, şol sanda ösen döwletleriň tejribesiniň esasynda alyş-çalyş hümmetini emele getirmegiň usullaryny kämilleşdirmek, Türkmenistanyň dahyllylarynyň eksport-import amallarynyň möçberiniň artmagyny gazanmak boýunça daşary ykdysady gatnaşyklarda daşary ýurt pulunyň hereketini kadalaşdyrmak boýunça çäreleriň durmuşa geçirilmegi göz öňünde tutulýar.

**Üçünji tapgyr – 2021—2030-njy ýyllar.** Döwlet maksatnamasyny durmuşa geçirmegiň

üçünji tapgyrynda maliýe ulgamy doly möçberde ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ähli pudaklaryny, esasan hem, tehnologik we innowasion ugurlaryna karz bermek boýunça mümkin bolan has ýokary derejeli şertleri üpjün eder. 2030-njy ýyla çenli döwürde bank hyzmatlary bazarynyň ösüşiniň esasy ugurlarynyň biri bolup, maliýe hyzmatlar bazarynda bäsleşik üçin ýöriteleşdirilen bank däl karz-maliýe guramalaryny döretmek arkaly Türkmenistanyň karz ulgamyny düzümleýin kämilleşdirmek meýilleşdirilýär. Döwlet maksatnamasynda göz öňünde tutulýan özgertmeleriň tapgyrlaýyn amala aşyrylmagy, ýurdumyzyň bank ulgamy we maliýe institutlary dünýäniň ösen ýurtlarynyň maliýe ulgamynyň esasy talaplaryna laýyk gelýän görnüşini emele getirer.

2021–2030-njy ýyllarda hem puluň hümmetsizlenmegini pes derejede saklamak, ýokary depginli ykdysady ösüşe ýardam bermek, ýurdumyzyň haryt öndürijileri üçin amatly bäsleşik şertlerini döretmek maksady bilen, ykdysadyýetiň nebitgaz pudagy bilen bagly bolmadyk bölegine karzlary berilmegini yzygiderli artdyrmak bilen baglylykda pul-karz syýasaty alnyp barlar. Bu maksada ýetmek üçin şu wezipeleri çözmek zerur bolar:

- puluň hümmetini durnukly derejede saklamak we netijeli pul syýasatyny alyp barmak;
- banklaryň ykdysadyýetiň pudaklaryna karz bermegini artdyrmak;
- töleg ulgamyny dünýäniň ösen döwletleriniň derejesinde guramak;
- milli pul birligini daşary ýurt puluna çalyşmagy erkinleşdirmek babatda degişli syýasaty alyp barmak;
- karz we pul dolanyşygynyň ýagdaýyna täsir etmek arkaly bazar isleglerini kadalaşdyrmak we ýurdumyz üçin bähbitli ugurlara gönükdirmek;
- ilatyň erkin pul serişdelerini bank edaralaryna möhletli goýum görnüşinde çekmek boýunça giň gerimli işleri amala aşyrmak;
- Türkmenistanyň bank ulgamynyň serişdeleriniň, ilkinji nobatda, uzakmöhletli amallar üçin zerur bolan serişdeleriň ýokary depginlerde ösüşini gazanmak;
- ykdysadyýetiň ähli pudaklaryna deň şertlerde karzyň berilmegini doly üpjün etmek;

- bank ulgamynyň serişdeler binýadynda ilatyň serişdeleriniň paýyny artdyrmak;
- maliýe hyzmatlar bazarynda bäsleşik üçin ýöriteleşdirilen bankdan daşary karz-maliýe institutlaryny döretmek arkaly Türkmenistanyň bank ulgamynyň institusional düzümlerini giňeltmek;
- bank işewürliginiň geljegi bar bolan görnüşlerini (lizing, faktoring amallary) ösdürmek, täze döwrebap tehnologiýany (internet-banky) girizmek;
- bank gözegçiligini kämilleşdirmek;
- ýaşaýyş jaýyny girewine alyp, karz bermek ulgamyny kämilleşdirmek boýunça işleri yzygiderli alyp barmak;
- banklaryň maliýe görkezijileri barada maglumatlaryň takyk we ýokary hilli bolmagyny gazanmak.

Töwekgelçiligi dolandyrmagyň infrastrukturasyny (töwekgelçiligi ätiýaçlandyrmak, reýting agentlikleri, karz býurolary, içki reýting ulgamlary) ösdürmek boýunça degişli işleri geçirmek meýilleşdirilýär. Bank hyzmatlaryny hödürlemegiň durnukly, çeýe, netijeli we ösen infrastrukturasy

dörediler. Bank amallarynyň ösmegi bilen, banklaryň girdejisi ýokarlanar, bu bolsa, karz edaralarynyň ösmegine itergi berer.

Halkara auditiniň özbaşdak daşky audit hökmünde çekilmegi müşderileriň ynamynyň ýokarlanmagyna we bankyň ösüşiniň esasy ugurlarynyň üýtgedilmegine täsirini ýetirer.

Halkara hasaplaşyk amallaryny yzygiderli kämilleşdirmek, daşary ykdysady gatnaşyklarda puly kadalaşdyrmak ulgamynda bazar gatnaşygynyň ýörelgelerini has giňden ornaşdyrmak boýunça işleri geçirmek göz öňünde tutulýar.

## *3. 2011-2030-njy ýyla çenli döwür üçin bank ulgamyny ösdürmegiň esasy ugurlary, geçiriljek çäreler we garaşylýan netijeler*

Türkmenistanyň bank ulgamyny orta möhletlerde ösdürmegiň ileri tutulýan ugurlary şulardan ybarat bolar:

- bank ulgamynyň aktiwlerini artdyrmakdan we olaryň ýokary hilli bolmagyny gazanmakdan;
- bank ulgamynyň uzakmöhletli ösüşini üpjün etmek üçin serişdeler binýadyny

giňeltmekden we durnuklylygyny üpjün etmekden;

- banklaryň maýalaşdyryş derejesini we maýanyň hilini ýokarlandyrmakdan;
- täjirçilik banklarynyň maliýe araçyllyk wezipesini ýokarlandyrmakdan we maliýe ýagdaýyny berkitmekden;
- ykdysadyýetiň önümçilik bölegini karzlaşdyrmakda bank işjeňligini ösdürmekden;
- korporatiw dolandyryş ulgamyny ösdürmekden, töwekgelçiligi dolandyrmakdan we içki gözegçilik ulgamyny kämilleşdirmekden;
- bank işjeňliginde bäsdeşlik gurşawynyň ösdürilmegine itergi bermekden;
- banklarda buhgalterçilik hasaba alnyşyny kämilleşdirmekden we maliýe hasabatynyň halkara standartlaryny ornaşdyrmakdan;
- bank işi boýunça kanunçylygy we bank işiniň kadalaşdyryjy resmi namalaryny kämilleşdirmekden;
- bank däl karz edaralarynyň dürli görnüşlerini ösdürmekden;
- töleg ulgamyny kämilleşdirmekden;

- jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmegiň usulyny kämilleşdirmekden;
- hyzmatlaryň gerimini giňeltmekden, bank önümleriniň täze görnüşlerini ornaşdyrmakdan we hödürlenýän hyzmatlaryň hilini ýokarlandyrmakdan;
- banklaryň düşewüntliligini ýokarlandyrmakdan.

**Bank ulgamyny ösdürmek boýunça döwlet syýasaty.** Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň diwersifisirlenen, bäsdeşlige ukyply, innowasion ösüşini üpjün etmek we dünýä ykdysady giňişligine bileleşmegi üçin maliýe ulgamynyň esasy bölegi bolup durýan banklaryň durnukly işlemegi wajypdyr. Şoňa görä-de, ykdysadyýetiň ygtybarly maliýe ulgamyny döretmek döwlet syýasatynda möhüm orna eýe bolýar.

Ykdysadyýeti düzümleýin özgertmek we ykdysady ösüşi çaltlandyrmak ugrunda döwlet syýasatyny durmuşa geçirmekde milli bank ulgamyna möhüm orun degişlidir. Azyk bolçulygyny üpjün etmäge gönükdirilen döwlet maksatnamalarynyň bank edaralary tarapyndan netijeli karzlaşdyrylmagy we durmuş

maksatly karzlaryň berilmegi ykdysadyýetiň köpugurly bolmagyny gazanmaga we milli ykdysadyýetimizi berkitmäge we ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini ýokarlandyrmak ugrunda ykdysady özgertmeleriň üstünlikli durmuşa geçirilmegine ýardam berýär.

Täjirçilik banklarynyň ýurdumyzyň ykdysady syýasatynda möhüm orny bolup, olar ýurdumyzyň innowasion ösüşini maliýeleşdirmäge işjeň gatnaşar, döwletimiziň ähli künjeklerinde ilata hem-de orta we kiçi telekeçilige maliýe hyzmatlarynyň elýeterliligini üpjün eder.

Döwlet maksatnamasynyň durmuşa geçirilýän döwrüniň birinji tapgyrynda döwlet maksatnamalaryny maliýeleşdirmegi dowam etmek maksady bilen, ösüş bankynyň döredilmegi ýa-da hereket edýän banklary üýtgedip guramak meselesine serediler.

Döwlet maksatnamasynyň durmuşa geçirilýän döwrüniň ikinji tapgyrynda ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň dürli pudaklarynda geçiriljek düzümleýin özgertmeleriň çäklerinde, döwletiň paýynyň agdyklyk etmeginde banklaryň guramaçylyk-hukuk görnüşini paýdarlar jemgyýetine tapgyrlaýyn geçirmek mümkinçiligine garalar, şertleri we oňyn netijeleri

öwreniler hem-de zerurlygyna laýyklykda degişli işleri geçiriler.

Döwrebap halkara standartlarynyň we hukuk esaslarynyň talaplaryna laýyk gelýän banklarda korporatiw (edara) dolandyryşynyň institusional we kanunçylyk esaslaryny berkitmek hem-de döwlet we döwlete dahylsyz banklaryň deňagramlylygyny üpjün etmek maksady bilen, bank ulgamynyň eýeçiliginiň gurluşyny paýdarlar jemgyýeti görnüşine öwürmek zerurlyklary öwreniler we mümkinçilikleri seljeriler hem-de bu ugurda degişli çäreler geçiriler. Geçiriljek çäreler banklaryň gündelik we geljekki işleriniň dolandyrylyşynyň hiliniň ýokary derejede hem-de netijeli bolmagyna getirer.

Şeýle hem, bank ulgamynyň ösüşinde bäsdeşlige ukyplylyk derejesini ýokarlandyrmaga çelgilenmek arkaly bank hyzmalaryny we bank önümlerini dürli görnüşlerini hödürlemekde karz edaralarynyň döremegine getirjek şertler, mümkinçilikler we islegler öwreniler.

Şonuň bilen birlikde, banklaryň maýa goýumlaryny çekmekde araçyllyk derejesiniň ýokarlandyrylmagy arkaly banklaryň maýa goýum syýasaty kämilleşdiriler. Bu bolsa öz gezeginde, banklaryň ileri tutulýan pudaklary we

döwlete dahylsyz bölegi karzlaşdyrmakda maliýe mümkinçilikleriniň artmagyna getirer.

Banklaryň guramaçylyk-hukuk görnüşiniň paýdarlar jemgyýeti görnüşinde bolmagy banklarda döwlet hem-de içki dolandyrylyşyň kämilleşmegine getirer.

Welaýatlarda bank edaralarynyň işini kämilleşdirmäge aýratyn üns berler, olar sebitlerdäki ykdysadyýetiň esasy bolup, sebit derejesinde pudaklaryň ösüşine, kiçi we orta telekeçiligi goldamaga, ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini ýokarlandyrmaga ýardam eder.

Türkmenistanyň kagyz pullaryny çykarýan döwlet fabrigini gurmagyň zerurlygy seljeriler, mümkinçilikleri we şertleri öwreniler hem-de bu ugurda 2030-njy ýyla çenli döwürde zerurlyga laýyklykda degişli işleriň geçirilmegi göz öňünde tutular.

**Bank kanunçylygyny kämilleşdirmek.** Täjirçilik banklarynyň durnukly we netijeli ösüşini üpjün etmek üçin, Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan bank kanunçylygyny mundan beýläk hem kämilleşdirmek boýunça geçirilýän işler dowam etdiriler. Bank depozitlerini kepillendirmek hakyndaky kanunyň taslamasyny işläp düzmek barada degişli teklipler we

«Girew hakyndaky» Türkmenistanyň kanunyny kämilleşdirmek boýunça teklipler taýýarlanar hem-de Türkmenistanyň Mejlisiniň garamagyna hödürlener. Şeýle hem, şu aşakda görkezilen ugurlar boýunça zerur bolan kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň işlenip düzülmegi meýilleşdirilýär:

- buhgaltercilik hasaba alnyşyň we maliýe hasabatlarynyň milli ulgamyna maliýe hasabatlarynyň halkara standartlarynyň ornaşdyrylmagy bilen baglanyşykly zerur bolan kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň;
- ýeke-täk töleg ulgamyny, şol sanda bank kart tölegleriniň ulgamyny ösdürmek bilen baglylykda, onuň kanunçylyk binýadyny kämilleşdirmek üçin degişli kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň;
- bank däl karz edaralaryny ösdürmek bilen baglylykda, onuň kanunçylyk binýadyny kämilleşdirmek üçin degişli kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň;
- müşderileriň karz taryhy boýunça maglumatlar binýadyny ösdürmek boýunça degişli kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň;
- depozit sertifikatlaryny çykarmak we goýum amallarynyň beýleki görnüşlerini,

olaryň aýlanyşygy we bellige alnyşy boýunça şertlerini kesgitlemek üçin degişli kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň.

**Bank gözegçiligini kämilleşdirmek.** Karz guramalarynyň işini kadalaşdyrmak we gözegçilik etmek Tükmenistanyň Merkezi bankynyň esasy wezipeleriniň biri bolup durýar. Bank işine gözegçilik etmegiň we olaryň işiniň ykdysady kadalaşdyryjylaryny kämilleşdirmegiň esasy maksady bank ulgamynyň durnuklylygyny saklamakdan, goýumçylaryň we kreditorlaryň bähbitlerini goramakdan, Türkmenistanyň kanunçylygynyň we Türkmenistanyň Merkezi bankynyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň berjaý edilmegini üpjün etmekden ybarat bolup durýar.

Bank işiniň ykdysady taýdan kadalaşdyrylmagynyň we gözegçiliginiň şu aşakda bellenen ugurlar boýunça kämilleşdirilmegi göz öňünde tutulýar:

- hususy maýa bilen üpjünçilik derejesine bildirilýän talaplary ýokarlandyrmak;
- bank töwekgelçiliklerine baha bermegiň tertibini kesgitlemek we içki gözegçilik ulgamynyň işini kämilleşdirmek;

- töwekgelçiligi dolandyrmagyň hilini we bank edarasynyň üstüne alan töwekgelçiliginiň häsiýetine görä gözegçilik täsirleriniň zerurlygyna baglylykda bank gözegçiliginiň düzgünlerini we olary ulanmagyň tertibini kesgitlemek;
- bank ulgamynyň jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmek boýunça usullaryny mundan beýläk hem kämilleşdirmek;
- bank gözegçiliginde tapgyrlaýyn jebislendirilen gözegçilik ulgamyny döretmek we gözegçilik bilen bagly töwekgelçiligiň ýüze çykmagyny peseltmäge gönükdirilen çäreleri ornaşdyrmak;
- düzümleýin gözegçiligiň we barlag geçirmegiň usullaryny we düzgünlerini kämilleşdirmek;
- täjirçilik banklarynyň bank hasabatlaryny Türkmenistanyň Merkezi bankyna tabşyrmagynyň doly elektron görnüşinde geçirilmegini ýola goýmak.

**Banklarda dolandyryş ulgamyny kämilleşdirmek.** Bank ulgamynyň

döwrebaplaşdyrylmagyny çaltlandyrmak ugrunda bank edaralarynda dolandyrmagyň häzirki zaman görnüşlerini we usullaryny ornaşdyrmak boýunça bankyň guramaçylyk-hukuk görnüşiniň düzümini hemişe kämilleşdirmek, töwekgelçiligi dolandyrmagyň usullaryny ösdürmek, içki gözegçilik ulgamynyň netijeliligini gazanmak, bankyň gündelik we geljekki döwür üçin işini meýilnamalaşdyrmak we olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek işleri alnyp barlar. Müşderiler binýadyny giňeltmek, müşderileriň bank hyzmatlaryna bolan isleglerine görä işjeň we öz wagtynda hereket etmek, tejribä täze bank önümlerini ornaşdyrmak, adaty bolmadyk hyzmatlary özleşdirmek ýaly işlere bank dolandyrylyşynda aýratyn üns berler.

Korporatiw dolandyryşy ösdürmek boýunça bankda içerki ýagdaýlary üýtgedip gurmak maksady bilen, birnäçe toplumlaýyn çäreleri geçirmek meýilleşdirilýär, olar şulardyr:

- korporatiw dolandyrmagyň netijeli ulgamyny döretmek üçin dolandyryş ulgamyny kämilleşdirmek;
- banklaryň ykdysadyýetdäki ornuny we korporatiw dolandyryş derejesini ýokarlandyrmak maksady bilen,

banklaryň sebitleýin ösüşi boýunça orta we uzakmöhletli meýilnamalaryny işläp düzmek;

- banklarda gözegçilikden çykýan ýagdaýlar (mysal üçin, awtomatizirlenen ulgamlaryň hereketinden çykan ýagdaýynda, başga bir garaşylmadyk ýagdaýlaryň ýüze çykmagy bilen üçünji taraplaryň borçnamalaryny ýerine ýetirmezligi) dörän mahaly olara täsir etmek üçin jikme-jik işlenen meýilnamalaryň bolmagyny üpjün etmek;
- banklaryň korporatiw müşderileriniň karz ukyplylygyny kesgitlemek we olara karz reýtingini bermek boýunça çäreleri kämilleşdirmek we içki karz reýtingini ösdürmek.

Bank ulgamynyň durnuklylygyny we ygtybarlylygyny ýokarlandyrmak maksady bilen, bank edaralary töwekgelçiligi dolandyrmagyň netijeliligini ýokarlandyrmak, hususan-da her bir aktiw amallarynyň töwekgellik derejesini kesgitlemek we degişli dolandyryş çärelerini işläp düzmek, şeýle-de bank dolandyryşynda bankyň netijeli hereket etmegi üçin içki gözegçilik

ulgamyny kämilleşdirmek boýunça degişli işler alnyp barlar.

Bankyň maliýe ukyplylygynyň, ony dolandyrmagyň usuly bilen bagly bolup durýandygy sebäpli, bankyň ähli düzümleriniň pul serişdelere gündelik zerurlygyny kesgitlemek we ony ýeterlik derejede saklamak, bankyň orta möhletli we uzakmöhletli ygtybarlylygyny üpjün etmek maksady bilen, aktiwleriň we passiwleriň möhletleriniň sazlaşygyny üpjün etmek, ykdysady kadalaşdyryjylaryň ýerine ýetirilişini gözegçilikde saklamak, ukyplylygyň gysga möhletli çaklama ulgamyny döretmek, ukyplylygy dolandyrmak babatda çözgütleri kabul etmek düzgünini işläp düzmek, bank edarasynyň ukyplylyk ýagdaýyna gündelik gözegçilik etmek üçin programma üpjünçiliginiň mümkinçiliklerini giňeltmek boýunça bank edaralary tarapyndan degişli çäreler geçiriler.

Bankyň häzirki zaman dolandyrylyşynda awtomatizasiýalaşdyryş ulgamynyň kömegi bilen, bank işini doly dolandyrmaga mümkinçilik döretmek, hususan-da, bank şahamçalarynyň işine gözegçiligi alyp barmak, içki gözegçilik ulgamyny guramak, maliýe görkezijilerini seljermek, bankyň ukyplylygyny dolandyrmak, karz, walýuta, maliýe

töwekgelçiliklerini dolandyrmak, buhgalter hasabyny alyp barmak we hasabatlary taýýarlamak, halkara standartlaryna laýyklykda hasabatlary toplamak işlerini awtomatizasiýalaşdyrmak boýunça işler alnyp barlar.

Banklara müşderleri çekmek maksady bilen, bankyň hyzmatlary üçin kesgitlenen ýygymlar boýunça tarifleri yzygiderli seljermek we zerur bolan ýagdaýynda üýtgetmeleri girizmek boýunça işler geçiriler.

**Bank edaralarynyň gerimini giňeltmek.** Täjirçilik banklarynda döwrüň talaplaryna laýyklykda edara gurluşyny yzygiderli seljermek bilen, zerur bolan ýagdaýynda ony üýtgetmek mümkinçiligine serediler. Şol sanda, zerur bolan ýerlerde şahamçalary açmak ýa-da bank gulluklaryny şahamça öwürmek ýaly düzüm üýtgetmeleri geçiriler.

**Banklaryň maýa bilen üpjünçilik derejesini ýokarlandyrmak.** Banklaryň maýasyny artdyrmak we onuň hilini gowulandyrmak, şeýle-de maýanyň möçberiniň bolup biljek töwekgelçiligi ýapmaga ýeterlik bolmagyny üpjün etmek banklaryň maliýe durnuklylygyny ýokarlandyrmagyň wajyp şertleriniň biri bolup durar. Banklaryň hususy maýasynyň artmagy iri

taslamalary maliýeleşdirmäge mümkinçiligini artdyrar. Şeýlelikde, banklaryň esaslyk maýasyny yzygiderli artdyrmaga we onuň hiliniň ýokary bolmagyna aýratyn üns berler.

«Türkmenistanyň döwlet täjirçilik banklarynyň esaslyk maýasyny artdyrmak hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2010-njy ýylyň 9-njy sentýabrynda çykaran 11251-nji kararyny ýerine ýetirmek maksady bilen, döwlet täjirçilik banklary esaslyk maýanyň bellenen möçberlerini dolmak boýunça zerur işleri geçirer.

Paýdarlar täjirçilik banklary we täjirçilik banklary esaslyk maýasyny artdyrmak boýunça bellän çärelerine laýyklykda maliýe ýagdaýyny pugtalandyrmak maksady bilen, esaslyk maýasyny artdyrmak boýunça degişli işleri alyp barar.

Banklaryň esaslyk maýasynyň artdyrylmagynyň çeşmesi bolup, bank işiniň maliýe netijeliligini ýokarlandyrmak arkaly artdyrylyp gazanylýan peýda çykyş edýär. Şonuň bilen birlikde, gazna bazarynyň ösdürilmegine itergi bermekde banklaryň goýberýän paýnamalaryna ähmiýetli orun degişli bolar. Şeýle-de, banklaryň esaslyk maýasyny milli maýa goýujylaryň we daşary ýurt maýa goýujylaryň hasabyna

artdyrmak göz öňünde tutular. Bank böleginde bazar gatnaşyklaryny we bäsdeşligi ösdürmek maksady bilen, degişli seljeriş işleri geçiriler we milli ykdysadyýetiň zerurlyklaryndan ugur alnyp, daşary ýurt maýasynyň gatnaşmagyny giňeltmek göz öňünde tutular.

**Banklaryň serişdeler binýadyny giňeltmek.** Bank ulgamynyň serişdeler binýadynyň giňeldilmegi, ykdysadyýete uzakmöhletli karzyň paýyny ösdürmäge mümkinçilik döreder. Ilatyň goýumlarynyň ösüşi banklaryň serişdeler binýadynyň giňeldilmeginiň esasy çeşmesi bolup çykyş eder. Ilatyň, maýa goýujylaryň, şol sanda daşary ýurtly maýa goýujylaryň bank ulgamyna bolan ynamyny berkider, goýumlaryň, ilkinji nobatda, möhletli goýumlaryň möçberini düýpli artdyrar. Şeýle-de banklar tarapyndan edaralardan, kärhanalardan we şahsy taraplardan serişdeleri çekmegi artdyrmak arkaly serişdeleriň düzüminde bankara karzlarynyň paýyny peseltmek boýunça yzygiderli tertipde degişli çäreler geçiriler.

Müşderileriň we goýumçylaryň banklara bolan ynamyny ýokarlandyrmak maksady bilen, goýumçylaryň we kreditorlaryň bähbitlerini goramagyň hukuk esaslaryny kämilleşdirmek mundan beýläk hem dowam etdiriler. Ilatyň

serişdelerini çekmek üçin bank önümleriniň görnüşlerini giňeltmek göz öňünde tutulýar.

Banklaryň goýum syýasatyna laýyklykda, ilatyň erkin duran pul serişdelerini banklara çekmek arkaly goýum hasaplarynyň möçberini artdyrmak, goýumlar boýunça tölenýän göterimleri maliýe bazarynda hereket edýän nyrhlara laýyklykda bellemek, ilata edilýän goýum hyzmatlarynyň hilini has-da ýokarlandyrmak, goýumlaryň täze görnüşlerini ornaşdyrmak boýunça degişli işler alnyp barlar.

Banklar tarapyndan uzakmöhletli esasda serişdeleri toplamak boýunça zerurlyklara we ykdysady şertlere baglylykda, bank sertifikatlary we beýleki maliýe gurallary işe has giňişleýin ornaşdyrylar.

**Goýumlary (depozitleri) kepillendirmegiň ulgamyny ösdürmek.** Türkmenistanyň Merkezi bankynda döredilen goýumlary kepillendiriş ulgamy ýurdumyzyň bank ulgamynyň maliýe durnuklylygynyň esasy binýadyna öwrüldi. Goýumlary kepillendiriş ulgamynyň baş wezipesi Türkmenistanyň çäklerinde hereket edýän haýsydyr bir bankyň öz işjeňligini bes eden wagty goýum goýujylaryň bähbitlerini goramakdan ybaratdyr.

Şahsy taraplaryň goýumlaryny kepillendirmek gaznasy banklaryň milli puldaky hökmany senenama tölegleri Türkmenistanyň Merkezi bankyndaky yörite hasaba geçirmekleri arkaly, Türkmenistanyň banklary tarapyndan döredilýär.

Bankdaky goýum üçin kepillendirilen öwezini dolma bir goýumça, goýumyň jeminiň 100 göterimine barabar möçberde tölenýär. Eger goýum goýujy bankda birnäçe hasaplaryň eýesi bolsa, onda tölenýän kepillendirilen öwezini dolma hasaplananda ähli goýumlardaky bar bolan serişdeler jemlenýär we bu umumy jem bir goýum hasaplanýar. Kepillendirme öwezini dolma milli pulda tölenýär. Daşary ýurt pulundaky goýumlar kepillendirme öwezini dolmagy tölemek boýunça borçnamanyň güýje giren gününde Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan bellenen degişli pul hümmeti boýunça manatda hasaplanmaga degişlidir.

**Karz bermek ulgamyny ösdürmek.** Bank karzlarynyň möçberi yzygiderli we ýokary depginler bilen artdyrylar we olaryň düzümi kämilleşdiriler. Karzlaryň düzüminde uzakmöhletli karzlaryň, hususan-da, ösen tehnologiýalary özünde jemleýän önümçilik

desgalaryny karzlaşdyrmagyň paýy düýpli artdyrylar. Bu bolsa, öz gezeginde, bank işiniň girdejili bolmagyny ýokarlandyryp, karzlaryň hil görkezijileri bilen utgaşdyrylar.

Şonuň bilen birlikde, banklaryň karz bermek işini, hususan-da, öz serişdeleriniň hasabyna şu aşakdaky ugurlar boýunça ösdürmek meýilleşdirilýär:

- ykdysadyýeti düzümleýin özgertmek we diwersifikasiýalaşdyrmak maksady bilen, pudaklaryň ösüşiniň esasy ugurlaryna laýyklykda, ýangyç-energetika toplumyny, energiýa senagaty toplumyny, himiýa we nebithimiýa senagatyny, ýeňil senagaty, agrosenagat toplumyny, gurluşyk toplumyny, ulaglar toplumyny, aragatnaşyk we telekommunikasiýa toplumyny karzlaşdyrmak;
- döwlet maksatnamalaryny durmuşa geçirmek bilen bagly taslamalary uzak we orta möhlete karz serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirmek. Onuň çäklerinde banklaryň üsti bilen oba hojalyk önümlerini, ýagny pagtany, bugdaýy, şalyny, şugundyry ösdürip ýetişdirmäge we kärendiçiler bilen hasaplaşyklary

geçirmäge, iri senagat desgalarynyň gurluşygyna karz serişdelerini bermegi dowam etdirmek;

- ykdysadyýetiň netijeli we innowasion ösüşini gazanmak maksady bilen, ykdysadyýetiň nebitgaz bilen bagly bolmadyk böleginiň dolanyşyk serişdelerini artdyrmaga, önümçilik binýadyny giňeltmäge, infrastrukturany täzelemäge karz serişdelerini bermek;
- aýry-aýry pudaklaryň ösüşine ýardam bermek, eksporty diwersifikasiýalaşdyrmak, ýerli haryt öndürijileriň bäsdeşlige ukyplylygyny pugtalandyrmak, innowasion taslamalary goldamak üçin maýa goýum karzlaryny bermek;
- dasary ýurt maýa goýumlaryny karz görnüşinde Türkmenistanyň ykdysadyyetine çekmek arkaly ýurdumyzy ösdürmegiň döwlet maksatnamalaryny durmuşa geçirmäge ýardam bermek;
- ýurdumyzda amala aşyrylýan täze iri maýa goýum taslamalary, ýagny «Awaza» milli syýahatçylyk zolagyny, beýleki

ykdysady zolaklary döretmäge, täze demir we gara ýollary gurmaga, gaz we nebit geçirijilerini gurmaga, oba ýerlerini ösdürmek maksatnamalaryny durmuşa geçirmäge daşary ýurt karzlaryny çekmek ýa-da hususy we çekilen serişdeleriň hasabyna bank karzlaryny bermek arkaly gatnaşmak;

- ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ileri tutulyp ösdürilýän pudaklaryna orta möhletli we uzakmöhletli karzlary bermek, taslamalaýyn maliýeleşdirmäge gatnaşmak, kepillikleri bermek arkaly iri taslamalaryň maliýeleşdirilmegine gatnaşmak;
- «Türkmenistanyň raýatlarynyň gozgalmaýan emlägi satyn almagy üçin karzlar hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2007-nji ýylyň 27-nji dekabrynda çykaran 9327-nji kararyna laýyklykda, Türkmenistanyň «Prezidentbank» täjirçilik banky tarapyndan Türkmenistanyň raýatlaryna Aşgabat şäherinde täze gurlan jaýlardan öýleri satyn almak üçin esasy bergini üzmäge 5 ýyla çenli ýeňillikli döwür

bilen, 30 ýyl möhlete, ýyllyk 1% bilen karz bermek;

- «Türkmenistanyň raýatlaryna gozgalmaýan emlägi girewine alyp karzlary bermegiň usulyny ösdürmek hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2008-nji ýylyň 11-nji ýanwarynda çykaran 9361-nji kararyna we «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasyna» laýyklykda, Türkmenistanyň ygtyýarly banklary tarapyndan döwlet eýeçiliginde bolan gurluşyk edaralaryna üçtaraplaýyn şertnamanyň esasynda obalarda, şäherçelerde, etraplardaky şäherlerde, etraplaryň we welaýatlaryň merkezlerinde beýikligi 2 gatdan ýokary bolmadyk hususy ýaşaýyş jaýlaryny gurmak üçin göterimsiz karzlary bermek;
- «Türkmenistanyň raýatlaryna gozgalmaýan emlägi girewine alyp karzlary bermegiň usulyny ösdürmek

hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2008-nji ýylyň 11-nji ýanwarynda çykaran 9361-nji kararyna, şeýle hem «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasyna» laýyklykda, Türkmenistanyň raýatlaryna obalarda, etraplardaky şäherlerde, etraplaryň we welaýatlaryň merkezlerinde hususy ýaşaýyş jaýlaryny satyn almaklary üçin şertleri döretmek maksady bilen, Türkmenistanyň ygtyýarly banklary tarapyndan Türkmenistanyň raýatlaryna hususy ýaşaýyş jaýlaryny gozgalmaýan emläk hökmünde girewine goýup, satyn almaga ýeňillikli şertlerde karzy üzmäge 5 ýyla çenli ýeňillikli döwür bilen, 30 ýyl möhlete, ýyllyk 1% bilen karzlary bermek;

- «Şäherlerde, etrap merkezlerinde we şäherçelerde dört gatly köp öýli ýaşaýyş jaýlaryny gurmak hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2009-njy

ýylyň 4-nji sentýabrynda çykaran 10618-nji kararyna laýyklykda, Türkmenistanyň banklary tarapyndan Türkmenistanyň raýatlaryna şäherlerde, etrap merkezlerinde we şäherçelerde dört gatly köp öýli ýaşaýyş jaýlaryndan öýleri satyn almaklary üçin şertleri döretmek maksady bilen, karzy üzmäge 5 ýyla çenli ýeňillikli döwür bilen öýleriň hakyky emele gelen bahasynyň 90 göterimine çenli möçberde gozgalmaýan emläk üçin karzlary 30 ýyl möhlete, ýyllyk 1% bilen karzlary bermek;

- «Türkmenistanda hususy telekeçilik işini maliýeleşdirmegiň meseleleri hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2008-nji ýylyň 17-nji martynda çykaran 9604-nji kararyna laýyklykda, hususy kärhanalaryň we telekeçileriň önümçiligi ösdürmek we täze iş ýerlerini döretmek bilen bagly maýa goýum taslamalary üçin ygtyýarly edilen banklar tarapyndan bellenen tertipde ýylda 5 göterim bilen 10 ýyla we dolanyşyk serişdelerini almak üçin 1 ýyla çenli möhlete milli pulda we daşary ýurt pulunda karzlary bermek;

- «Türkmenistanda hususy ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşygy hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2010-njy ýylyň 23-nji iýulynda çykaran 11179-njy kararyna laýyklykda, ygtyýarly banklara döwlete dahylsyz gurluşyk kärhanalary tarapyndan 2 gatdan ýokary bolmadyk hususy ýaşaýyş jaýlaryny gurmak üçin ýyllyk 7 göterim bilen karzlary bermek;
- ýerli haryt öndürijilere importyň ýerini tutýan önümçilige we eksport üçin niýetlenen önümleri öndürmäge gönükdirilen karzlary bermek;
- oba hojalyk önümlerini gaýtadan işlemek bilen meşgullanýan hususy haryt öndürijilere önümi gaýtadan işleýän enjamlary satyn almak, önümçilik desgalaryny gurmak we çig mallary satyn almak üçin karzlary bermek;
- taslamalary maliýeleşdirmek, gysga möhletleýin täjirçilik karzlaryny, eksport-import amallaryny maliýeleşdirilmek üçin karzlaryň, owerdraft karzlarynyň möçberlerini artdyrmak;
- halkara maliýe guramalarynyň karz ugurlaryny we usullaryny ulanyp, şeýle-

de beýleki çeşmeleriň hasabyna dürli görnüşli hojalyk birliklerine, aýratynda, orta we kiçi telekeçilige berilýän karzlaryň möçberlerini artdyrmak;

- raýatlaryň sarp ediş maksatly karzlara bolan islegini kanagatlandyrmak maksady bilen, sarp ediş maksatly karzlary bermek;
- raýatlaryň hünärmenlik derejesini ýokarlandyrmak boýunça mümkinçilikleri giňeltmek maksady bilen, daşary ýurtlaryň ýokary okuw jaýlarynda bilim almak üçin berilýän karzlaryň görnüşlerini artdyrmak;
- şahsy taraplara bellenen çäklerde karz kartlarynyň üsti bilen owerdraft görnüşinde girewsiz karzlary bermek;
- oba ýerlerinde mikrokarzlary bermek.

Karzlary bermek ulgamyny ösdürmekde karzlaşdyrmagyň usullaryny döwrebaplaşdyrmak boýunça şu aşakda bellenen çäreler geçiriler:

- karzyň üpjünçiligine goýlan girewi, girew gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän degişli kadalaşdyryjy resmi namalary kämilleşdirmek;
- karz töwekgelçiligine baha bermek maksady bilen, Türkmenistanyň Merkezi

bankyndaky karz registrinde toplanýan maglumatlary ulanmagy giňeltmek;

- karz alyjylaryň (edara görnüşli we şahsy taraplaryň) hökmany ýagdaýda hukuklarynyň berjäý edilmegini üpjün etmek bilen, müşderileriň karz taryhynyň kanunçylyk binýadyny berkitmek.

**Buhgalterçilik hasaby we hasabaty hem-de auditi özgertmek.** Bank işini ýokarlandyrmagy üpjün etmek bank hyzmatlar bazarynyň ösmeginde, banklarda korporatiw dolandyryşyň hiliniň kämilleşdirilmeginde we ilatyň banklara bolan ynamyny ýokarlandyrmakda wajyp şertleriň biri bolup durýar.

Banklarda buhgalterçilik hasabyny we hasabatyny kämilleşdirmegiň esasy ugry «Türkmenistanda buhgalterçilik hasaba alnyşy we auditi özgertmegiň maksatnamasy hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2010-njy ýylyň 9-njy iýulynda çykaran 11139-njy kararyna laýyklykda, Türkmenistanyň bank ulgamynda maliýe hasabatlarynyň halkara standartlaryna geçmegi ýokary derejede guramak boýunça ähli zerur bolan işleri geçirmekden ybaratdyr. Bu işi amala aşyrmak üçin aşakdaky çäreleri ýerine ýetirmek zerur bolup durýar:

- bank tejribesine maliýe hasabatlarynyň halkara standartlaryny ornaşdyrmak;
- buhgalterçilik hasabynyň halkara standartlaryna esaslanýan bank amallarynyň usulyýet üpjünçiligini kämilleşdirmek;
- bank edaralaryna buhgalterçilik hasabynyň özgerdilen standartlaryny ornaşdyrmak boýunça usulyýet kömegini bermek;
- maliýe hasabatlarynyň halkara standartlary boýunça bank işgärleriniň hünär derejesini ýokarlandyrmak üçin okuwlary we maslahatlary guramak.

**Hasaplaşyklar we töleg ulgamyny ösdürmek.** Milli töleg ulgamyny ösdürmek aşakda bellenen ugurlary öz içine alar:

- bölekleýin nagt däl hasaplaşyklary ösdürmegi;
- prossesing torunyň işini kämilleşdirmegi;
- bank kartlary boýunça hereket edýän töleg ulgamlary bilen halkara ulgamlaryň birikdirilmegi boýunça işleri geçirmegi;
- bank kartlarynyň kömegi bilen, hyzmatlar üçin tölegleri nagt däl görnüşinde amala aşyrmak mümkinçiliklerini döretmegi.

Içerki banklaryň töleg ulgamynyň ösmegi bilen amala aşyrylýan nagt däl hasaplaşyklaryň düzüminde ilatyň tölegleriniň paýy ýokarlanar, bu bolsa öz gezeginde banklaryň serişdeler binýadynyň artmagyna getirer.

Bank ulgamy tarapyndan nagt pul dolanyşygyny azaltmak üçin häzirki zaman tehnologiýalaryna esaslanýan, bank kartlaryny ulanmak bilen, nagt däl töleg gurallaryny ornaşdyrmak göz öňünde tutulýar.

Töleg kartlaryny ulanmak arkaly tölegleri işläp taýýarlamak boýunça bankara prossesing merkeziniň işini kämilleşdirmek boýunça degişli işler geçiriler. Bankara prossesing merkeziniň işiniň kämilleşdirilmegi bank kartlaryny ösdürmekde zerur şertleriň biri bolup durýar. Şuňa laýyklykda, ilata harytlar we hyzmatlar üçin hasaplaşyklary töleg kartlarynyň üsti bilen geçirmek mümkinçiligi kämilleşdiriler.

Töleg ulgamynda hasaplaşyklary üznüksiz wagtda amala aşyrmak üçin, döwrüň talabyna laýyk gelýän ulgamy ornaşdyrmak meýilleşdirilýär.

**Maglumat tilsimatlaryny ösdürmek.** Banklaryň awtomatlaşdyrylan bank programma üpjünçiliklerini kämilleşdirmek işleriniň ýerine ýetirilmegi, täze maglumat tehnologiýalarynyň

kömegi bilen hyzmatlaryň görnüşleriniň artdyrylmagy meýilleşdirilýär. Welaýat banklary bilen etrap şahamçalarynyň arasynda optiki-süýümli aragatnaşygy doly ýola goýmak boýunça degişli işler geçiriler. Bu bolsa bank işini has-da ösdürmäge, banklaryň müşderilerine çalt hyzmat etmäge şert döreder. Bank edaralarynyň welaýat dolandyrmalaryny we etrap şahamçalaryny häzirki döwrüň talaplaryna laýyk gelýän tehniki enjamlar bilen üpjün etmek boýunça degişli işler alnyp barlar.

**Bank hyzmatlaryny ösdürmek.** Bank edaralarynyň netijeli işjeňligi köp derejede her bankyň ösüş derejesinden, häzirki zaman bank önümlerini ulanmagyndan we müşderiler tarapyndan ýokary islegden peýdalanýan hyzmatlaryň köp sanly görnüşlerini ýerine ýetirmekden ybarat bolup durýar.

Banklaryň serişde (resurs) binýadyny giňeltmek, maliýe innowasiýalaryny ornaşdyrmak maksady bilen, hyzmatlaryň gerimini giňeltmek, olaryň täze görnüşlerini girizmek we hilini ýokarlandyrmak zerur bolup durýar. Hödürlenýän hyzmatlaryň – bank kartlarynyň, goýumlaryň, karzlaryň täze görnüşleriniň girizilmegi bank hyzmatlaryna bolan islegiň artmagyna alyp barar.

Banklaryň işiniň esasy görnüşleri edara görnüşli we şahsy taraplardan goýum çekmek, karzlaşdyrmak, kassa-hasaplaşyk amallarynyň ähli görnüşlerini amala aşyrmak, faktoring, forfeýting, bank kepili, gymmat bahaly kagyzlary dolandyrmak (ynanç amallary) we bankara aragatnaşyk amallaryny amala aşyrmak, gymmat bahaly kagyzlary çykarmak we ýerleşdirmek, şeýle hem müşderilere daşary ýurt pulunda amallaryň doly tapgyryny, ýagny depozit-goýum, konwersion we karz amallaryny, tölegleri alyp barmak we ýerine ýetirmek, ilatyň daşary ýurt puluna islegini kanagatlandyrmak üçin alyş-çalyş amallaryny, akkreditiwleri, inkasso we kepillendiriş amallaryny resmileşdirmek bolup durýar.

Mundan beýläk hem bank edaralary tarapyndan müşderilere edilýän hyzmatlaryň sanyny 150-ä ýetirmek boýunça degişli işler alnyp barlar. Edara görnüşli we şahsy taraplara häzirki zaman bank hyzmatlarynyň ähli görnüşlerini ulanyp, her bir müşderiniň talabyny kanagatlandyrmak boýunça amatly şertleri döretmäge çalşylar. Müşderileriň tabşyryklaryny tiz we ýokary hilli berjaý etmek üçin, bankara we içerki hasaplaşyklaryň ulgamyndan peýdalanylar.

Bu bolsa, bank hyzmatlaryndan peýdalanýan müşderileriň sanynyň artmagyna getirer. Bank edaralary öz müşderilerine banka degişli amallary amala aşyrmakda düşündiriş, täzelikler bilen tanyşdyryş-maslahat beriş işlerini geçirer.

Ilat arasynda giňden ýaýran milli pulda we daşary ýurt pullarynda pul geçirim ulgamlary hem-de olaryň has kämil görnüşleri ösdürilip, müşderiler üçin goşmaça hyzmat ediş nokatlary açylar.

Täze tehnologiýalaryň ösdürilmegi ilata töleg-hasaplaşyk, karz, depozit we beýleki hyzmatlary daşlaşan tertipde ýerine ýetirmäge mümkinçilik döredýär. Maksatnamanyň durmuşa geçirilýän döwründe maliýe hyzmatlaryny menzilara ýerine ýetirmegiň dürli usullaryny ösdürmek ugrunda degişli işler geçiriler: öýjükli telefonlaryň üsti bilen daşlaşan tertipde hyzmatlar amala aşyrylar, töleg kartlary çykarylar. Täze tehnologiýalary ulanmak arkaly, ýagny öýjükli telefon aragatnaşygy, töleg terminallary, şeýle-de ilkibaşda az möçberli töleglerden başlamak bilen, internet ulgamyny ulanmak esasynda elektron töleg we elektron pullary ulanmak ulgamy ösdüriler.

Korporatiw müşderiler bilen alnyp barylýan işde bank edaralary uzakmöhletleýin hyzmatdaşlyk

gatnaşyklaryny ýola goýmaga çalşarlar. Munuň üçin bar bolan bank önümleriniň tutuş toplumynyň hödürlenmegi we toplumlaýyn hyzmat etmegini amala aşyrmak meýilleşdirilýär.

Hasaplaşyklary ýeňilleşdirmek maksady bilen, çekler arkaly hasaplaşyklaryň geçirilişini ýola goýmak boýunça degişli işler geçiriler. Esasan hem, sebitlerde bank hyzmatlary bazarynyň infrastrukturasyny ösdürmek üçin has oňyn şertler döredilер. Sebitlerde nagt däl hasaplaşyklaryň ösdürilmegi üçin bar bolan banklaryň ýerlerdäki şahamçalarynyň sany artdyrylar.

Şeýle-de bank kartlarynyň üsti bilen amal edilýän nagt däl tölegleriň gerimini giňeltmek we tölegli kartlar arkaly hyzmaty kämilleşdirmek, bank kartyny saklaýjylaryň müşderi binýadyny artdyrmak boýunça alnyp barylýan işleriň depgini ýokarlandyrylar. Hususan-da, bank kartlary bilen geçirilýän hyzmatlaryň görnüşlerini artdyrmak üçin bankomatlaryň we töleg terminallarynyň ulanylyşynyň giňeldilmegi boýunça işleriň geçirilmegi dowam etdiriler. Söwdada we hyzmatda döwrebap töleg terminallaryny ornaşdyrmagyň netijesinde, bank kartlaryny ulanmak arkaly nagt däl hasaplaşyklary geçirmegiň döwrebap ulgamy döredilер. Ministrlikleriň, pudak edaralarynyň

we döwlete dahylly edara-kärhanalaryň işgärleriniň aýlyk zähmet haklaryny, talyplaryň talyp haklaryny bank hasaplarynyň üsti bilen bank kartlary peýdalanyp tölemegi ýola goýmak boýunça işler alnyp barlar. Bank kartlarynyň ulanylyşynyň gerimini giňeltmek maksady bilen, täjirçilik banklarynyň alyş-çalyş nokatlarynyň ählisinde terminallar ornaşdyrylar.

Täjirçilik banklary tarapyndan bank tilsimatlaryny kämilleşdirmek we hasaplaşyklarda nagt däl görnüşiniň paýyny artdyrmak ugrunda gysga döwrüň dowamynda korporatiw (edara) kartlaryny giňden ýaýratmak işleri ýola goýlar.

Bank işinde awtomatizasiýanyň häzirki zaman tehnologiýasy işjeň ulanylar we onuň kömegi bilen müşderileriň özbaşdak hyzmat edilmeginiň ulgamy ösdüriler, bu bolsa bank önümleriniň özüne düşýän gymmatyny peseldip, onuň özüne çekijiligini artdyrar.

Täjirçilik banklary nagt däl hasaplaşyklaryny ösdürmegi höweslendirmäge gönükdirilen amallar babatyndaky nyrhlar syýasatyny bellemek boýunça çäreleri hemişelik tertipde geçirip durmagy üpjün eder.

Bank edaralarynyň müşderilere depozit gutujyklaryny kärendesine bermek boýunça

hyzmaty amala aşyrylar. Bu gutujyklar şahsy we edara görnüşli taraplaryň nagt pullaryny, gymmat baha kagyzlaryny, resmi namalaryny, elektron göterijilerini, zergärçilik önümlerini, gadymy gymmatlyklaryny, suratlary we beýleki gymmatlyklary saklamak üçin niýetlenip işe giriziler. Bank hyzmatlary bazarynda halkara karz institutlarynyň tejribesi öwreniler we zerur bolan ugurlarda durmuşa geçiriler.

**Bank ulgamynyň işgärler syýasaty.** Banklaryň öňünde goýlan maksatlara ýetmegi we bellenen wezipeleri ýerine ýetirmegi işgärler syýasatynyň dogry ýola goýulmagy bilen bagly bolup durýandygy bilen birlikde, banklar işgärler syýasatynda netijeli işleri gurar we işgärler syýasatyny alyp barmak işi hemişe kämilleşdiriler. Banklarda ýolbaşçy weziplere teklip edilýän hünärmenler bilen söhbetdeşlik geçirmek dowam etdiriler. Bank işgärleriniň bilim derejesini ýokarlandyrmak üçin ykdysady okuwlary yzygiderli guralar. Işgärler syýasatynyň esasy ugurlary hünärmenleriň hünär derejelerini yzygiderli kämilleşdirmekden, ýokary hünärli hünärmenleri saýlap-seçip almagyň netijeli usullaryny ornaşdyrmakdan ybarat bolar. Şonuň bilen birlikde, Türkmenistanyň Merkezi bankynda,

täjirçilik banklarynda synag we söhbetdeşlik geçirmek işi dowam etdiriler.

Banklaryň ösüş strategiýasyna laýyklykda, işiň ýyldan-ýyla özgerýändigini we täze ugurlar boýunça hünärleriň bolmagyna talaplaryň ýüze çykýandygyny nazara almak bilen, bank işinde zerur bolan hünärleriň sanawyna üýtgetmeler giriziler we hünärmenlik derejesi boýunça bildirilýän talaplar kesgitlener. Şunuň bilen birlikde, bank hyzmatlarynyň umumy düzüminiň giňelmegi, islegiň häzirki ösüşine laýyklykda olaryň gurluşynyň üýtgemegi, müşderiler bilen işlemegiň täze tilsimatlarynyň ornaşdyrylmagy bilen baglanyşykly işgärleriň hünär öwrenmeklerine we iş başarjaňlygyna hemişe ýokary talaplar bildiriler.

Bank işgärleriniň hünär kämilligi işgärleriň okuwlara we hünär okuwlaryna gatnaşmaklaryny guramak arkaly üpjün ediler. Bank işgärleriniň hünär derejesini ýokarlandyrmakda halkara maliýe guramalary, daşary ýurtlaryň merkezi banklary, beýleki iri daşary ýurt banklary bilen hyzmatdaşlyk alnyp barlar. Banklar tarapyndan her ýylda iş tejribesi ýetik, ýokary hünärli işgärleriň içinden işgärler ätiýaçlygy düzüler.

Banklarda işleýän hem-de işe kabul edilýän her bir hünärmeniň bilim derejesiniň ýokary

bolmagy hem-de öz eýeleýän wezipesine biliminiň gabat gelmegi gazanylar. Işgäriň hünär ukybyny ýüze çykarmak we ösdürmek üçin işgärlere baha bermek we synag geçirmek düzgünleri kämilleşdiriler.

Bank ulgamynda zähmet düzgün-nyzamyny berkitmek we bank işgärleri üçin dürli mowzuklar boýunça okuwlary guramak arkaly olary gaýtadan taýýarlamak we hünärini ýokarlandyrmak Döwlet maksatnamasynyň möhüm ugurlarynyň biri bolup durýar.

**Halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmek.** Halkara maliýe guramalary, şol sanda Halkara pul gaznasy, Bütindünýä banky, Ýewropanyň täzeleniş we ösüş banky, Aziýanyň ösüş banky, Yslam ösüş banky hem-de beýleki daşary ýurt merkezi banklary we iri banklary bilen hyzmatdaşlygy giňeltmek boýunça alnyp barylýan işleri dowam etmek üçin degişli çäreler geçiriler.

Bank gözegçiligi boýunça halkara standartlaryny netijeli ornaşdyrmak maksady bilen, Bank gözegçiligi boýunça Bazel komiteti bilen hyzmatdaşlygy ösdürmek meýilleşdirilýär. Türkmenistanyň Merkezi banky ösen bank gözegçiligi ulgamy bolan ýurtlaryň bank gözegçiligi guramalary bilen tejribe alyşmak

boýunça hyzmatdaşlygy alyp barar, şeýle hem gözegçilik maksatlary üçin daşary ýurtlaryň bank gözegçiligi guramalary bilen karz we maliýe edaralary barada zerur bolan halatlarda maglumat alyşmak boýunça hyzmatdaşlyk eder.

Türkmenistanyň bank ulgamynda taýýarlanýan maliýe hasabatlarynyň hilini ýokarlandyrmak we olarda görkezilýän maglumatlaryň aýdyňlygyny has-da kämilleşdirmek maksady bilen, maliýe hasabatlarynyň halkara standartlary boýunça Geňeşiň işine hyzmatdaşlyk esasda gatnaşmagy ýola goýlar.

**Türkmenistanyň Prezidentiniň**
**2011-nji ýylyň ____________________**
**çykaran _______________ karary bilen**
**tassyklandy**

**Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmek boýunça amala aşyrylmaly çäreleriň 2011–2030-njy ýyllar üçin**
**MEÝILNAMASY**

**Birinji tapgyr - 2011-2015-nji ýyllar**

| № | Geçirilmeli çäreler | Möhleti | Jogapkär ýerine ýetiriji |
|---|---|---|---|
| | **BANK KANUNÇYLYGYNY KÄMILLEŞDIRMEK** | | |
| 1 | «Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda», «Täjirçilik banklar we bank işi hakynda», «Daşary ýurt puluny kadalaşdyrmak we daşary ýurt puluna gözegçilik etmek hakynda» Türkmenistanyň kanunlarynyň taslamalarynyň kabul edilmegi boýunça işi jemlemek. | 2011-nji ýylda | Türkmenistanyň Merkezi banky, täjirçilik banklary, |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 2 | Buhgalterçilik hasaba alnyşyň we maliýe hasabatlarynyň milli ulgamyna maliýe hasabatlarynyň halkara standartlarynyň ornaşdyrylmagy bilen baglanyşykly zerur bolan kadalaşdyryjy hukuk namalary işläp taýýarlamak. | 2011–2015-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň Adalat ministrligi |
| 3 | Ýeke-täk töleg hasaplaşyk ulgamyny, şol sanda bank karty tölegleriniň ulgamyny kämilleşdirmek bilen baglylykda, onuň kanunçylyk binýadyny kämilleşdirmek üçin degişli kadalaşdyryjy hukuk namalaryny işläp düzmek. | 2011–2015-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň Adalat ministrligi |
| 4 | Bank däl karz edaralaryny ösdürmek bilen baglylykda onuň kanunçylyk binýadyny kämilleşdirmek üçin degişli kadalaşdyryjy hukuk namalaryny işläp düzmek. | 2011–2015-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň Adalat ministrligi |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 5 | Müşderileriň karz taryhy boýunça maglumatlar binýadyny ösdürmäge degişli kadalaşdyryjy hukuk namalaryny işläp düzmek. | 2011–2015-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň Adalat ministrligi |
| 6 | Berlen karzlary yzyna gaýtarmak mümkinçiligini ýokarlandyrmak maksady bilen, girew gatnaşyklarynyň kanunçylyk binýadyny kämilleşdirmek. | 2012–2014-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň Adalat ministrligi |
| | **BANK GÖZEGÇILIGINI KÄMILLEŞDIRMEK** | | |
| 7 | Tapgyrlaýyn jebislendirilen gözegçiligiň ulgamyny döretmek we gözegçiligiň töwekgelçiligine usullary ornaşdyrmak. | 2011–2013-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky |
| 8 | Bank töwekgelçilikleri (karz, göterim, amallar, bazar we ukyplylyk töwekgelçilikleri) dolandyrmagy kämilleşdirmek boýunça degişli usulyýeti taýýarlamak we ykdysady kadalaşdyryjy resmi namalarynyň hasaplamalaryna üýtgetmeleri girizmek. | 2011–2015-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky, täjirçilik banklary |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 9 | Bank ulgamynyň jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket tertibini kämilleşdirmek. | 2011-nji ýylda | Türkmenistanyň Merkezi banky, täjirçilik banklary |
| 10 | Bank gözegçiligi boýunça Bazel Komitetiniň usullaryna esaslanyp, Karz edaralarynda korporatiw dolandyrylyşy kämilleşdirmek boýunça degişli işleri geçirmek. | 2011–2015-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky, täjirçilik banklary |
| 11 | Bazel ýörelgelerini ornaşdyrmak boýunça meýilnama düzmek we meýilnamany durmuşa geçirmekde halkara maliýe guramalary bilen tejribe alyşmak. | 2011–2015-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 12 | Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan kadalaşdyryjy hukuk namalaryny kämilleşdirmek boýunça çäreleri geçirmeli:<br>1. «Türkmenistanyň banklaryny döretmegiň we olaryň işini bes etmegiň tertibi hakyndaky» Düzgünnamanyň täze mazmunyny işläp düzmek;<br>2. «Daşary ýurt banklaryny we Türkmenistanyň çäginde daşary ýurt maýasynyň gatnaşmagy bilen banklary döretmek hakyndaky» Düzgünnamanyň täze mazmunyny işläp düzmek;<br>3. «Türkmenistanyň banklarynda içerki gözegçiligi guramak hakyndaky» Düzgünnamany kämilleşdirmek. | 2011–2015-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky, täjirçilik banklary |
| | 4. Täjirçilik banklarynyň aktiwleri, karzlary we olara deňeşdirilen bergileri boýunça gor döretmegiň tertibini kämilleşdirmek. | 2011-nji ýylda | |
| 13 | Bazel ýörelgelerinden ugur alyp, hususy maýanyň ýeterliliginiň hasaplamalarynda ulanmak maksady bilen, amallar töwekgelçiliginiň we bazar töwekgelçiliginiň göwrümini hasaplamagyň tertibini işläp düzmek. | 2012-nji ýylda | Türkmenistanyň Merkezi banky, täjirçilik banklary |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 14 | Täjirçilik banklarynyň hasabatlarynyň Türkmenistanyň Merkezi bankyna tabşyrylmagyny doly elektron görnüşinde geçirilmegini ýola goýmak. | 2014–2015-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky, täjirçilik banklary |
| | **BANKLARDA DOLANDYRYŞ ULGAMYNY KÄMILLEŞDIRMEK** | | |
| 15 | Döwlet maksatnamalaryny maliýeleşdirmegi dowam etmek maksady bilen, Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleri we degişli tabşyryklary esasynda ösüş bankyny döretmek ýa-da hereket edýän banky üýtgedip guramagyň meselesine garamak. | 2012–2015-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň Maliýe ministrligi, Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrligi, degişli döwlet täjirçilik banklary |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 16 | Aktiwleri we passiwleri dolandyrmak ulgamyny kämilleşdirmek, guramaçylyk gurluşyň kämilleşdirilmegine we banklaryň sebitleýin ösüşine, hemişelik netijeli gözegçiligi amala aşyrmak we kämilleşdirmek, bank işiniň awtomatizasiýalaşdyrylmagyny ýokarlandyrmak, bazary öwrenmek we mahabat işini güýçlendirmek | 2011–2015-nji ýyllarda | Täjirçilik banklary |
| **BANK EDARALARYNYŇ IŞINIŇ GERIMINI GIŇELTMEK** | | | |
| 17 | Aşgabat şäherinde we ýerlerde bank edaralarynyň gerimini artdyrmagy üpjün etmek, bank däl karz edaralarynyň döredilmeginiň kanunçylyk binýadyny berkitmek we ykdysady şertleri döretmek. | 2011–2015-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, Türkmenistanyň Merkezi banky, Täjirçilik banklary |
| 18 | Hödürlenýän hyzmatlary artdyrmak üçin iri bank gulluklaryny bank şahamçalaryna öwürmek meselesine seretmek. | 2011–2015-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky, banklar, Täjirçilik banklary |

| | | | |
|---|---|---|---|
| | **BANKLARYŇ MAÝALAŞDYRYŞ DEREJESINI ÝOKARLANDYRMAK** | | |
| 19 | Banklaryň ygtybarlylygyny we ykdysady durnuklylygyny üpjün etmek maksady bilen, banklaryň maýalyk gorlaryny ýokarlandyrmak boýunça degişli işleri geçirmek. | 2011–2015-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky, Täjirçilik banklary |
| 20 | Paýnamalary goýbermek we olary ýerlemek işleri, şeýle-de sap peýdany (esaslyk maýasyna) gaýtadan maýalaşdyrmak arkaly esaslyk maýa gönükdirmek. | 2011–2015-nji ýyllarda | Täjirçilik banklary |
| **BANKLARYŇ SERIŞDELER BINÝADYNY GIŇELTMEK** | | | |
| 21 | Banklar tarapyndan uzakmöhletli esasda serişdeleri toplamak boýunça bank sertifikatlaryny we beýleki maliýe gurallary giňden ulanyp bu işi ösdürmek üçin degişli düzgünnamany işläp düzmek. | 2012–2013-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky, täjirçilik banklary |
| 22 | Goýumlaryň täze görnüşlerini ornaşdyrmak. | 2012–2013-nji ýyllarda | Täjirçilik banklary |
| 23 | Bank goýumlaryny (depozitlerini) kepillendirmek boýunça kadalaşdyryjy resmi namalary kämilleşdirmek boýunça degişli işleri geçirmek. | 2013–2014-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky, täjirçilik banklary |
| 24 | Edara görnüşli taraplardan uzakmöhletli goýumlary çekmek. | 2011–2015-nji ýyllarda | Täjirçilik banklary |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 25 | Durnuklaşdyryş gaznanyň, pensiýa toplanmalarynyň serişdelerini bank depozitlerine çekmek | 2011–2015-nji ýyllarda | Täjirçilik banklary |
| **IÇKI GÖZEGÇILIGI KÄMILLEŞDIRMEK** | | | |
| 26 | Bankyň paýdarlarynyň, Bankyň geňeşiniň, müdiriýetiniň, içki audit gullugynyň, düzüm birlikleriniň we gullukçylarynyň ygtyýarlyklaryny we jogapkärçiligini kesgitleýän hem-de Bankyň geňeşiniň, müdiriýetiniň, içki audit gullugynyň ähmiýetini güýçlendirmegi göz öňünde tutýan «Täjirçilik banklarynda edara dolandyryşy hakyndaky» Düzgünnamany işläp taýýarlamak. | 2014–2015-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky, täjirçilik banklar, Türkmenistanyň Adalat ministrligi |
| **PUL –KARZ USULLARYNY KÄMILLEŞDIRMEK** | | | |
| 27 | Karz auksionynyň üsti bilen berilýän karzlaryň möhletlerini we görnüşlerini kämilleşdirmek. | 2013–2014-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky |
| 28 | Türkmenistanyň Merkezi bankynyň bergi borçnamalaryny çykarmak we olary ýerleşdirmek boýunça tertibi işläp düzmek. | 2014-nji ýylda | Türkmenistanyň Merkezi banky |
| 29 | Gaýtadan maliýeleşdiriş derejesini pul bazarynyň ýagdaýyna we puluň hümmetsizlenme derejesine laýyklykda kesgitlemek. | 2011–2015-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 30 | Puluň hümmetsizlenme derejeleriniň çäklerini bellemek boýunça çäreleriň taýýarlyk işlerini geçirmek maksady bilen, pul-karz görkezijilerine çaklama geçirmegiň usullaryny we statistiki binýady kämilleşdirmek. | 2011-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky |
| **DAŞARY ÝURT PULY BARADAKY SYÝASAT** | | | |
| 31 | «Daşary ykdysady gatnaşyklarda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň täze görnüşiniň kabul edilmegi bilen baglylykda, onuň esasynda zerur bolan tertipleri we düzgünnamalary işläp düzmek hem-de kämilleşdirmek. | 2011–2015-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň ygtyýarly banklary |
| 32 | Manadyň daşary ýurt puluna gatnaşykda ýeke-täk hümmetini saklamak, manadyň hümmetiniň durnuklylygyny üpjün etmek. | 2011–2015-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň ygtyýarly banklary, Türkmenistanyň degişli ministrlikleri we pudak edaralary |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 33 | Ýurduň çäginde alyş-çalyş nokatlarynyň gerimini ilatyň islegine laýyklykda giňeltmek, daşary söwda amallarynda hasaplaşyklaryň nagt däl görnüşini giňden ornaşdyrmak boýunça zerur çäreleri durmuşa geçirmek. | 2011–2015-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň ygtyýarly banklary |
| 34 | Türkmenistanyň töleg balansyny düzmegiň usulyýetini halkara kadalaryna laýyklykda yzygiderli kämilleşdirmek. | 2011–2015-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky |
| 35 | Hususy kärhanalaryň we telekeçileriň nägt däl görnüşdäki daşary ýurt pulundaky alyş-çalyş amallaryny ösdürmek. | 2011–2015-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky |
| 36 | Türkmenistanda daşary ýurt pulunyň bazaryny tapgyrma-tapgyr ösdürmekde we düzgünleşdirmekde degişli işleri geçirmek. | 2011–2015-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky |
| 37 | Daşary ýurtlaryň walýuta biržalary bilen hyzmatdaşlyk etmek. | 2011–2015-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky |
| **PUL DOLANYŞYGYNY KÄMILLEŞDIRMEK** | | | |
| 38 | Türkmenistanyň Merkezi bankynyň «Türkmenistanyň banklarynda emissiýa-kassa işi boýunça Gözükdirijisini» täze mazmunda taýýarlamak. | 2011–2015-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 39 | Daşary ýurtlaryň tejribesinde giňden ulanylýan ýokary tehnologiýalar bilen üpjün edilen kassa merkezlerini gurnamagy maksat edinip, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Merkezi gaznasynda we Türkmenistanyň Merkezi bankynyň welaýat dolandyryş edaralaryndaky gaznalarynda pul birliklerini gaýtadan sanamak işlerini kämilleşdirmek we dolanyşykdaky pullaryň hilini ýokary derejede saklamak maksady bilen, ýokary we orta tizlikli banknotlary sanap-saýhallaýjy, gaplaýjy hem-de dolanyşykdan çykarylýan köne pullary owradyjy doly awtomatlaşdyrylan ulgamy ornaşdyrmak. Nagt pullaryň umumy hasabyny ýöretmek maksady bilen, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň merkezi diwany bilen birikdirilen ýeke-täk elektron maglumat ulgamyny döretmek. | 2011–2015-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky |
| 40 | Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Merkezi Gaznasynyň düzüminde pul birlikleriniň hakykylygynyň barlag-seljerme işlerini ýokary derejede geçirmek maksady bilen, tehniki enjamlar bilen üpjün edilen barlaghanany döretmek we bilermenleri taýýarlamak. | 2011–2015-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 41 | Türmenistanyň Merkezi bankynyň düzüminde pul birlikleriniň we ýadygärlik şaý pullarynyň dizaýn studiýasyny döretmek we dizaýnlary taýýarlamak. | 2011–2015-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky |
| | **KARZLAŞDYRMAGY ÖSDÜRMEK** | | |
| 42 | Ykdysadyýetiň ileri tutulýan pudaklaryny ösdürmäge we döwlet maksatnamalaryny maliýeleşdirmäge gönükdirilen karzlary bermek. | 2011–2015-nji ýyllarda | Tükmenistanyň Merkezi banky, täjirçilik banklary |
| 43 | Raýatlaryň ipoteka karzyna bolan isleglerini karz serişdeleri bilen kanagatlandyrmak. | 2011–2015-nji ýyllarda | Tükmenistanyň Merkezi banky, täjirçilik banklary |
| 44 | Milli bank ulgamynyň durnuklylygyny ýokarlandyrmak maksady bilen, karz alyjylar tarapyndan alnan karzlaryň bellenen möhletlerde yzyna gaýtarylmagyny üpjün etmek boýunça zerur işleri geçirmek. Edara-kärhanalaryň maliýe görkezijilerine yzygiderli seljerme geçirmek. | 2011–2015-nji ýyllarda | Tükmenistanyň Merkezi banky, täjirçilik banklary |
| 45 | Maliýe bazarynyň infrastrukturasyna goşmaça gural hökmünde karz býurolaryny döretmek. | 2014–2015-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky, täjirçilik banklary |

| | | | |
|---|---|---|---|
| **BUHGALTERÇILIK HASABA ALNYŞY WE AUDITI ÖZGERTMEK** | | | |
| 46 | Maliýe hasabatlarynyň halkara standartlaryny döwlet diline terjime etmäge we Maliýe hasabatlarynyň halkara standartlaryny ulanmakda kanunçylyk esaslaryny döretmek üçin, hereket edýän kadalaşdyryş binýadyna zerur üýtgetmeleriň we goşmaçalaryň yzygiderli girizilmegine gatnaşmak. | 2011–2015-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky Türkmenistanyň Maliye ministrligi bilen bilelikde |
| 47 | Maliýe hasabatlaryny halkara standartlaryna laýyklykda düzmek maksady bilen, «Banklaryň ýyllyk maliýe hasabatlary hakyndaky» Düzgünnamany we «Banklarda maliýe hasabatlarynyň halkara standartlaryny ulanmak boýunça» gollanmany tassyklamak. | 2011-nji ýylda | Türkmenistanyň Merkezi banky, täjirçilik banklary |
| 48 | Maliýe hasabatlarynyň halkara standartlarynyň binýadynda Türkmenistanyň Merkezi bankynyň hasaba alyş syýasatyny düzmek we tassyklamak. | 2011-nji ýylda | Türkmenistanyň Merkezi banky |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 49 | 2011-nji ýylyň ýanwar aýynyň 1-inden maliýe hasabatlarynyň halkara standartlaryna laýyklykda taýýarlanan Türkmenistanyň banklarynda buhgalterçilik hasaba alnyşynyň hasaplarynyň meýilnamasyny we ony ulanmak boýunça görkezmeleri girizmek. Banklarda buhgalterçilik hasaba alnyşy 2011-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan 31-nji dekabryna çenli döwürde bir wagtda buhgalterçilik hasaba alnyşynyň hasaplarynyň hereket edýän we täze girizilýän meýilnamalaryna hem-de olary ulanmak boýunça görkezmelere laýyklykda alyp barmak. | 2012–2013-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky, täjirçilik banklary |
| 50 | Maliýe hasabatlarynyň halkara standartlaryna laýyklykda girizilýän täze üýtgetmeleri we düzedişleri güýje girizmek maksady bilen, Banklaryň baş buhgalterleri we hünärmenleri üçin yzygiderli seminar-maslahatlary geçirmek. | 2011–2015-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 51 | Internet ulgamynda buhgalterçilik hasaba alnyşyny, auditi we salgyt salnyşyny düzgünleşdirýän hukuk binýadynyň ulanyjylar üçin elýeterli bolmagyny, şeýle hem buhgalterçilik hasaba alnyşy, audit we salgyt salmak boýunça hünärmenleri gündelik işinde zerur bolan maglumatlar bilen üpjün etmek maksady bilen, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň «web-saýty» üçin maglumat binýadyny ýöretmek. | 2011–2015-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky |
| 52 | 2014-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň ähli düzüm birlikleriniň maliye hasabatlarynyň halkara standartlarynyň ýörelgelerine laýyk gelýän buhgalterçilik hasaba alnyşyň milli ulgamyna doly geçmeklerini guramak. | 2011–2013-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky ähli düzüm birlikleri bilen bilelikde |
| 53 | Türkmenistanda auditiň halkara standartlaryny ornaşdyrmak boýunça işlere gatnaşmak. | 2011–2015-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky |

| | | | |
|---|---|---|---|
| **TÖLEG WE HASAPLAŞYKLAR ULGAMYNY ÖSDÜRMEK** | | | |
| 54 | Türkmenistanyň bankara elektron töleg ulgamyny kämilleşdirmek, ýagny ýurdumyzyň çäklerinde real wagtdaky gutarnykly tölegler (Real Time Gross Settlement - RTGS) ulgamyny saýlap almak, ornaşdyrmak we işe goýbermek. | 2011–2012-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky |
| 55 | Türkmenistanda kartly töleg ulgamy bilen bagly kadalaşdyryjy hukuk namalaryny kämilleşdirmek. | 2011–2015-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky, täjirçilik banklary |
| 56 | «Altyn Asyr» we «Millikart» kartly töleg ulgamlaryny utgaşdyrmak. | 2011–2012-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň «Halkbank» döwlet täjirçilik banky, Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 57 | Ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň işgärleriniň zähmet haklaryny bank kartlarynyň üsti bilen goýbermek. | 2011–2015-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky, täjirçilik banklary, ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |
| 58 | Türkmenistanyň kartly töleg ulgamyny halkara töleg ulgamlaryna birikdirmek. | 2012-nji ýylyň I ýarymynda | Türkmenistanyň Merkezi banky, täjirçilik banklary |
| 59 | Täjirçilik banklarynda kartly töleg ulgamy boýunça zerur bolan goşmaça iş orunlaryny döretmek we hünärmenleri taýýarlamak. | 2011–2015-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky, täjirçilik banklary |
| 60 | Türkmenistanda kartly töleg ulgamyna gatnaşyjylaryň aragatnaşygyny düzgünleşdirýän kadalaşdyryjy hukuk namalaryny kämilleşdirmek. | 2011–2015-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky we täjirçilik banklary |
| 61 | Ulgamyň programma-tehniki üpjünçiligini, hasaplaşyklaryň görnüşlerini we usullaryny kämilleşdirmek. | 2011–2015-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky, täjirçilik banklar |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 62 | Kartly töleg ulgamyny zerur bolan aragatnaşyk ýaýlymlary bilen üpjün etmek. | 2011–2015-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky, täjirçilik banklary, Türkmenistanyň Aragatnaşyk ministrligi |
| 63 | Töleg we maglumat-amal terminallaryny, bankomatlary giňden ýaýratmak. | 2011–2015-nji ýyllarda | Aşgabat şäheriniň welaýatlaryň we etraplaryň häkimlikleri, ministrlikler we pudak edaralary hem-de olaryň tabynlygyndaky welaýat, etrap edaralary, Türkmenistanyň Merkezi banky, täjirçilik banklary, olaryň welaýat we etrap edaralary |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 64 | Bank karzlaryny gaýtarmak hyzmatlaryny bank kartlarynyň üsti bilen nagt däl we maglumat-amal terminallarynyň üsti bilen nagt (mundan beýläk – nagt däl we nagt) görnüşinde ýerine ýetirmek mümkinçiligini döretmek. | 2011–2015-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky, täjirçilik banklary we olaryň welaýat, etrap edaralary |
| 65 | Döwlet kömek pullaryny bank kartlarynyň üsti bilen goýbermek. | 2011–2015-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky, täjirçilik banklary we olaryň welaýat, etrap edaralary, Türkmenistanyň Durmuş taýdan üpjünçilik ministrligi |
| 66 | Ýokary we orta-hünärment okuw mekdepleriniň talyp haklaryny bank kartlarynyň üsti bilen goýbermek. | 2011–2015-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Bilim ministrligi, Türkmenistanyň Maliýe ministrligi, Türkmenistanyň Merkezi banky, täjirçilik banklary |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 67 | Aragatnaşyk hyzmatlarynyň töleglerini, ilatyň elektrik energiýa üçin töleglerini, Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň hyzmatlar we jerimeler üçin töleglerini, gümrük ýygymlarynyň töleglerini, salgyt töleglerini, ilatyň jemagat hyzmat töleglerini we döwlet ätiýaçlandyryş töleglerini bank kartlarynyň üsti bilen bankomatlardan nagt däl tölegleri geçirmek we maglumat amal terminallaryň üsti bilen nagt we nagt däl görnüşinde töleg geçirmegi ýola goýmak. | 2011–2015-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Aragatnaşyk minisitrligi, Türkmenistanyň Energetika we senagat minisitrligi, Türkmenistanyň Içeri işler minisitrligi, Aşgabat şäheriniň, welaýatlaryň we etraplaryň häkimlikleri, Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugy, Türkmenistanyň Döwlet ätiýaçlandyryş guramasy we Täjirçilik banklary |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 68 | Bank kartlarynyň üsti bilen walýuta alyş-çalyş hyzmatlaryny ýola goýmak. | 2011–2015-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky, täjirçilik banklary we olaryň welaýat, etrap edaralary |
| 69 | Türkmenistanyň Merkezi bankynyň awtomatlaşdyrylan bank programma üpjünçiligini döwrebaplaşdyrmak. | 2011–2012-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky |
| 70 | Türkmenistanyň Merkezi bankynyň serwer enjamlary bilen üpjünçiligini pugtalandyrmak. | 2011–2012-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky |
| 71 | «Karz registri» programma üpjünçiligini we maglumatlar binýadyny kämilleşdirmek. | 2011–2015-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky |
| 72 | Analitiki maglumatlary seljermäge niýetlenen merkezleşdirilen maglumatlar binýadyny (Data Warehouse) döretmek. | 2012–2013-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky, täjirçilik banklary |
| 73 | Türkmenistanyň banklarynyň etrap şahamçalaryny optiki-süýüm tehnologiýaly aragatnaşyk bilen üpjün etmek. | 2011–2013-nji ýyllarda | Täjirçilik banklary |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 74 | Awtomatlaşdyrylan bank ulgamyny (ABU) täzelemek. Kompýuter tehnikasyny täzelemek. Şahamçalary baş banklaryň ABU ulgamyna birikdirmek we olary kompýuter tehnikalary bilen üpjün etmek. Bankomatlary, töleg terminallary satyn almak we ornaşdyrmak. | 2011–2015-nji ýyllarda | Tükmenistanyň Merkezi banky, Täjirçilik banklary |
| **BANK AMALLARYNY WE HYZMATLARYNY ÖSDÜRMEK** | | | |
| 75 | Müşderiler üçin elektron bank hyzmatlaryny girizmek. Gymmat bahaly metallar we gymmat bahaly daşlar babatyndaky bank amallaryny ösdürmek. Maslahat we maglumat beriş hyzmatlaryny ýerine ýetirmek. Lizing we Faktoring amallaryny ösdürmek. Çek hasaplaşyklaryny ösdürmek. Gymmat bahaly kagyzlary satyn almak we satmak. Internet ulgamy arkaly tölegleri girizmek, «Müşderi-bank» hyzmatlaryny girizmek. | 2011–2015-nji ýyllarda | Täjirçilik banklary |
| 76 | Banklaryň hyzmatlarynyň görnüşlerini artdyrmak we olaryň hil taýdan halkara derejesine ýetirmek, şol sanda karlaşdyrmakda dünýäniň öňdebaryjy tejribelerini ýurdumyzyň bank ulgamyna ornaşdyrmak. | 2011–2015-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky, täjirçilik banklary |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 77 | Halkara maliýe guramalarynyň, dünýäniň öňdebaryjy okuw jaýlarynyň we banklaryň gatnaşmagynda hem-de olaryň tejribesine esaslanyp, ýurdumyzyň bank ulgamynyň işgärleriniň bilimini ýokarlandyrmak we olaryň hünär taýdan taýýarlygyny kämilleşdirmek | 2011–2015-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky, Täjirçilik banklary |

## Ikinji tapgyr - 2016-2020-nji ýyllar

| № | Geçirilmeli çäreler | Möhleti | Jogapkär ýerine ýetiriji |
|---|---|---|---|
| 1 | Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň dürli pudaklarynda geçiriljek düzümleýin özgertmeleriň çäklerinde, Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleri we degişli tabşyryklary esasynda döwletiň paýynyň agdyklyk etmeginde banklaryň gurluşyk-hukuk düzümi boýunça paýdarlar jemgyýetine tapgyrlaýyn geçirmek boýunça işleri geçirmek. | 2016–2020-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň Maliýe ministrligi, Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrligi, degişli döwlet täjirçilik banklary |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 2 | Banklaryň paýnamalarynyň bazar bahasyny kesgitlemek üçin zerur çäreleri geçirmek | 2016–2020-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň Maliýe ministrligi, Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrligi, banklar |
| 3 | Türkmenistanda daşary ýurt pulunda nagt däl pul bazaryny ösdürmek, Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleri we degişli tabşyryklary esasynda we emele gelen ykdysady şertlere baglylykda, ösen döwletleriň tejribesiniň esasynda alyş-çalyş hümmetini emele getirmegiň usullaryny kämilleşdirmek. | 2016–2020-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň ygtyýarly banklary |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 4 | Türkmenistanyň dahyllylarynyň eksport-import amallarynyň göwrüminiň artmagyny gazanmak boýunça daşary ykdysady gatnaşyklarda puly kadalaşdyrmak we oňa gözegçilik bilen bagly kanunçylygy kämilleşdirmek babatda çäreleri durmuşa geçirmek. | 2016–2020-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň ygtyýarly banklary, degişli ministrlikler we pudak edaralary |
| 5 | Manadyň daşary ýurt pullaryna bolan alyş-çalyş hümmetini durnukly saklamak, onuň halkara maliýe bazarlaryndaky abraýyny pugtalandyrmagyň üstünde işlemek. | 2016–2020-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň ygtyýarly banklary |
| 6 | Türkmenistanyň Bankara walýuta biržasynda daşary ýurt puluny satyn almak we ony satmak bilen bagly resmi nama aýlanyşygyny elektron görnüşine geçirmek boýunça degişli işleri geçirmek. | 2016–2020-nji ýyllarda | Türmenistanyň Merkezi banky |
| 7 | Daşary ýurt pulundaky amallaryň geçirilişini çaltlandyrmak we onuň gerimini giňeltmek maksady bilen, Türkmenistanyň Bankara walýuta biržasynyň söwdalaryny we onuň bilen bagly beýleki amallary elektron ulgamlaryň üsti bilen geçirmek. | 2016–2020-nji ýyllarda | Türmenistanyň Merkezi banky |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 8 | Türkmenistanyň töleg balansyny düzmegi usulyýet we tejribe taýdan kämilleşdirmek boýunça çäreleriň çäginde Türkmenistanyň maýa goýum ýagdaýynyň hasaplamasyny ýola goýmak. | 2016–2020-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky |
| 9 | Türkmenistanyň Merkezi bankynyň gaznalarynda pullary we gymmatlyklary saklamagyň ulgamyny ornaşdyrmak. | 2016–2020-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky |
| 10 | Ykdysadyýetiň ileri tutulýan pudaklaryny ösdürmäge gönükdirilýän karzlaryň we ipoteka karzlarynyň täjirçilik banklary tarapyndan berilmegini gazanmak. | 2016–2020-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky Täjirçilik banklary bilen bilelikde |
| 11 | Adaty bank edaralarynyň sanyny we gerimini köpeltmek bilen birlikde, bank tehnologiýasyny we bank howpsuzlygyny üpjün etjek ulgam arkaly internet üsti bilen bank hyzmatlaryny (internet-banking) kämilleşdirmek boýunça degişli işleri alyp barmak. | 2016–2020-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky Täjirçilik banklary bilen bilelikde |
| 12 | Türkmenistanyň bankara elektron töleg ulgamyny kämilleşdirmek, hyzmatlaryň hilini ýokarlandyrmak, görnüşlerini giňeltmek. | 2016–2020-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 13 | Bank kartlarynyň işini kämilleşdirmek, nagt däl hasaplaşyklaryň gerimini bank kartlarynyň we hasaplaşygyň beýleki görnüşleriniň üsti bilen giňeltmek. | 2016–2020-nji ýyllarda | Türkmenistanyň banklary |
| 14 | Halkara töleg ulgamlary bilen hyzmatdaşlygy artdyrmak. | 2016–2020-nji ýyllarda | Türkmenistanyň banklary |
| 15 | Bankomatlaryň, töleg we maglumat amal terminallarynyň sanyny köpeltmek. | 2016–2020-nji ýyllarda | Türkmenistanyň banklary |
| 16 | Awtomatlaşdyrylan bank programma üpjünçiligini yzygiderli kämilleşdirmek. | 2016–2020-nji ýyllarda | Türkmenistanyň banklary |
| 17 | Bank ulgamynyň aragatnaşygyny kämilleşdirmek. | 2016–2020-nji ýyllarda | Türkmenistanyň banklary |
| 18 | Bank ulgamynda maliýe hasabatlarynyň halkara standartlaryna laýyklykda taýýarlanýan hasabatlylygyny kämilleşdirmek. | 2016–2020-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky, Täjirçilik banklary |

**Üçünji tapgyr 2021-2030-njy ýyllar**

| № | Geçirilmeli çäreler | Möhleti | Jogapkär ýerine ýetiriji |
|---|---|---|---|
| 1 | Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleri we degişli tabşyryklary esasynda 2027-2030-njy ýyllarda Türkmenistanyň Milli banknotlaryny çykarýan döwlet fabrigini gurmak. | 2027–2030-njy ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky |
| 2 | Türkmenistanyň ygtyýarly banklarynyň halkara ykdysady gatnaşyklardaky ornuny pugtalandyrmak, bank ulgamynda ösen halkara tejribesini çekmek we milli tejribeleri peýdalanmak arkaly halkara hasaplaşyk amallaryny yzygiderli kämilleşdirmek. | 2021–2030-njy ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň ygtyýarly banklary |
| 3 | Daşary ykdysady gatnaşyklaryň puly kadalaşdyrmak ulgamynda bazar gurluşynyň ýörelgelerini has giňden ornaşdyrmak. | 2021–2030-njy ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň ygtyýarly banklary |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 4 | Halkara ykdysady gatnaşyklarda sebitde manadyň ýörgünli pul birlikleriniň biri bolmagyny gazanmak boýunça işleri dowam etdirmek. | 2021–2030-njy ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň ygtyýarly banklary, degişli ministrlikler we pudak edaralary |
| 5 | Biržanyň gurluşyny ösdürmek, şol sanda döwrüň talaplaryna görä tehnologiýalaryň we telekommunikasiýalaryň binýadynda biržanyň maglumat ulgamyny kämilleşdirmek. | 2021–2030-njy ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky |
| 6 | Türkmenistanyň bankara elektron töleg ulgamyny kämilleşdirmek, hyzmatlaryň hilini ýokarlandyrmak, görnüşlerini giňeltmek. | 2021–2030-njy ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky |
| 7 | Bank kartlarynyň işini kämilleşdirmek, nagt däl hasaplaşyklaryň gerimini bank kartlarynyň we hasaplaşygyň beýleki görnüşleriniň üsti bilen giňeltmek. | 2021–2030-njy ýyllarda | Türkmenistanyň banklary |
| 8 | Bankomatlaryň, töleg we maglumat amal terminallarynyň sanyny köpeltmek. | 2021–2030-nji ýyllarda | Türkmenistanyň banklary |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 9 | Awtomatlaşdyrylan bank programma üpjünçiligini yzygiderli döwrebaplaşdyrmak. | 2021–2030-njy ýyllarda | Türkmenistanyň banklary |
| 10 | Maliýe hasabatlarynyň halkara standartlary boýunça Geňeşiň işine hyzmatdaşlyk esasynda gatnaşmagy ýola goýmak. | 2021–2030-nji ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky |
| 11 | Ýurdumyzyň esasy hyzmatdaşlyk edýän ýurtlarynda Türkmenistanyň öndebaryjy banklarynyň şahamçalaryny we wekilhanalaryny açmak. | 2021–2030-njy ýyllarda | Türkmenistanyň Merkezi banky |

## Türkmenistanyň bank ulgamynyň 2011- 2030-njy ýyllar üçin esasy maliýe görkezijileriniň ösüş depgini (%-de)

| Görkezijiler | 2010 | 2011 | 2012 | 2013 | 2014 | 2015 | 2016-2020 | 2021-2030 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **Müşderileriň sany** | 12,5 | 6,5 | 5,0 | 2,0 | 2,0 | 2,0 | 8,0 | 10,0 |
| **Ykdysadyýetdäki pul toplumlary** | | | | | | | | |
| M0 pul toplumy | 34,8 | 27,0 | 19,9 | 16,6 | 12,2 | 11,0 | 1,5 esse | 2 esse |
| M1 pul toplumy | 2,0 esse | 23,7 | 19,8 | 17,9 | 13,9 | 12,1 | 1,4 esse | 1,9 esse |
| M2 pul toplumy | 74,2 | 24,9 | 19,8 | 17,5 | 13,3 | 11,7 | 1,6 esse | 2 esse |
| M3 pul toplumy | 43,4 | 16,6 | 15,8 | 13,1 | 10,1 | 9,6 | 1,5 esse | 1,9 esse |
| **Edaralara, kärhanalara we raýatlara berlen karzlar** | 32,1 | 11,7 | 10,1 | 10,0 | 11,3 | 8,0 | 1,3 esse | 1,7 esse |
| - milli pulda | 48,5 | 14,1 | 13,6 | 12,7 | 14,2 | 10,5 | 1,4 esse | 1,9 esse |
| - daşary ýurt pulunda | 15,3 | 8,4 | 5,3 | 5,9 | 6,5 | 3,7 | 1,25 esse | 1,5 esse |

| Görkezijiler | 2010 | 2011 | 2012 | 2013 | 2014 | 2015 | 2016-2020 | 2021-2030 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Eýeçiligiň görnüşine görä: | | | | | | | | |
| Döwlet edaralaryna we kärhanalaryna berlen karzlar | 29,1 | 10,9 | 9,4 | 9,3 | 9,6 | 6,8 | 1,3 esse | 1,6 esse |
| Hususy bölege berlen karzlar | 72,7 | 19,7 | 16,9 | 16,5 | 25,1 | 17,0 | 1,5 esse | 2 esse |
| **Edaralardan, kärhanalardan we raýatlardan çekilen serişdeler** | 2,0 esse | 19,0 | 17,0 | 17,0 | 13,0 | 13,0 | 1,4 esse | 1,8 esse |
| - milli pulda | 2,3 esse | 25,0 | 21,0 | 19,0 | 14,0 | 13,0 | 1,4 esse | 1,8 esse |
| - daşary ýurt pulunda | 72,6 | 6,0 | 5,0 | 10,0 | 9,0 | 15,0 | 1,3 esse | 1,6 esse |
| **Türkmenistanyň Merkezi bankynyň karzlary** | 19,4 | 10,0 | 10,0 | 8,0 | 6,0 | 6,0 | 20% | 4% |
| **Hususy serişdeler** | 34,9 | 15,0 | 12,0 | 10,0 | 9,0 | 9,0 | 1,4 esse | 1,8 esse |

2011-nji ýylyň 28-nji ýanwarynda
Türkmenistanyň Merkezi bankynyň çaphanasynda
çap etmeklige rugsat berildi